# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – TÜRKMEN TELEKEÇILERINIŇ ÖNÜMLERI WE HYZMATLARY DÖWREBAPLYGYŇ HEM-DE KÄMILLIGIŇ NUSGASY BOLMALYDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
20-nji mart, 2025. Belgisi 12/1630



# HALKARA SERGILER BÝUROSY TÜRKMENISTANYŇ YGTYBARLY WE MÖHÜM HYZMATDAŞY

**18-nji martda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Halkara sergiler býurosynyň Baş sekretary Dimitri Kerkentzesi kabul etdi.**

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, Halkara sergiler býurosynyň ýurdumyz bilen däp bolan gatnaşyklary giňeltmäge gyzyklanma bildirýändigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 17 ýyllygy mynasybetli paýtagtymyzda geçirilýän serginiň ýokary guramaçylyk derejesine ünsi çekdi.

Hormatly Prezidentimiz myhmany mähirli mübärekläp, onuň ýurdumyza amala aşyrýan saparynyň dowamynda ýokary derejeli duşuşyklara, Halkara sergiler býurosynyň Dolandyryş we býujet boýunça komitetiniň nobatdaky mejlisine gatnaşjakdygyny aýtdy hem-de bu saparyň Türkmenistan bilen Halkara sergiler býurosynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmaga goşant goşjakdygyna berk ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy ilerletmek Türkmenistanyň alyp barýan daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyz bilen Halkara sergiler býurosynyň arasynda ýola goýlan gatnaşyklaryň netijeli häsiýeti nygtaldy. Söhbetdeşler söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmekde, bütindünýä ykdysady işinde, özara bähbitli hyzmatdaşlygy alyp barmakda halkara sergileriň möhüm ähmiýetini bellediler. Milli we halkara sergiler, forumlar döwletleriň ykdysadyýetiniň ösüşini, gazanan üstünliklerini, ýeten sepgitlerini dünýä ýaýýar. Bu çäreler daşary ýurtlar bilen dürli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmäge, innowasion tehnologiýalary öwrenmäge, söwda-ykdysady, ylmy-tehniki gatnaşyklary ýola goýmaga ýardam berýär.

Diýarymyzda halkara söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça maksatnamalaýyn işler amala aşyrylýar. «Türkmenistanyň halkara sergi işiniň 2024-2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda, Halkara sergiler býurosy bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýär. Türkmenistan bu düzümiň agzasy bolmak bilen, dürli ýurtlarda geçirilýän bütindünýä we ýöriteleşdirilen sergilere işjeň gatnaşýar.

Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň aprel aýynda Ýaponiýanyň Osaka şäherinde «EKSPO –2025» Bütindünýä sergisi geçiriler. Halkara sergiler býurosy bu çäräniň guramaçysy bolup çykyş edýär. Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň hem bu giň möçberli çärä işjeň gatnaşjakdygyny aýdyp, Bütindünýä sergisiniň üstünlikli geçirilmegi baradaky arzuwlaryny beýan etdi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň geljekde-de halkara ähmiýetli we ählumumy ösüşi maksat edinýän sergileri geçirmäge, bu ugurda netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmaga taýýardygyny tassyklap, Halkara sergiler býurosynyň Baş sekretary Dimitri Kerkentzese alyp barýan işinde üstünlikleri arzuw etdi.

## Hususy pudagyň batly gadamlary

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ykdysady ösüş nusgasynyň rowaçlanmagynda, bazar gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmeginde, ýokary netijeli innowasion özgertmeleri durmuşa geçirmekde nusgalyk işleri bilen abraý alýan hususyýetçileriň 30 müňe golaýyny hataryna birleşdirýän Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň esaslandyrylmagyna 17 ýyl doldy. Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda guralan sergi döwlet goldawy bilen, gysga döwürde hususy ulgamda ýetilen belent sepgitlere bagyşlandy. «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly halkara forum bilen ugurdaşlykda guralan sergide ýurdumyzda hususy-




ýetçiligi, maýa goýum işini, halkara işewürlik gatnaşyklaryny ösdürmäge döredilýän mümkinçilikler giňden açylyp görkezildi.

Hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän oýlanyşykly ykdysady strategiýasynda kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge, işjeň maýa goýum syýasatyna uly ähmiýet berilýär. Prezident Maksatnamasynda, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynda» döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegine, hojalygy ýöretmegiň netijeli usullarynyň giňden ornaşdyrylmagyna, bazar gatnaşyklary şertlerinde telekeçileriň bu işlere işjeň çekilmegine uly ähmiýet berilýär. ■ 2

## Parahatlygyň, dost-doganlygyň baýramy

Gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdan Nowruz baýramy gündogar halklarynyň arasynda giňden bellenilip geçilýän arzyly baýramlaryň biridir. Bu babatda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz hem «Nowruz dünýäniň halklarynyň kalbynda we hakydasynda ençeme asyrlar bäri ýaşap gelýän iň gadymy baýramlaryň biridir» diýip, aýratyn belläp geçýär. Uzak ýyllaryň dowamynda toýlanylyp gelnen Nowruz baýramy halkymyzyň ruhy kämilligini, tebigatyň janlanýandygyny, baharyň gelendigini alamatlandyrýar. Berkarar döwletiň täze



eýýamynyň Galkynyşy döwründe bolsa bu ajaýyp baýramyň üsti täze mazmun bilen ýetirilip, ol bütindünýä medeni mirasynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi hem-de halkara derejesinde uly ähmiýete eýe boldy. Hemmämiziň bilşimiz ýaly, 2009-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda maddy däl medeni miras hakyndaky Konwensiýany tassyklan ýurtlaryň başlangyçlary boýunça maddy däl medeni mirasyň 76 sany dünýä ähmiýetli desgalarynyň hatarynda Nowruz baýramy hem ÝUNESKO-nyň halkara sanawyna goşuldy, şeýle-de bu baýramy gorap saklamak we belläp geçmek boýunça ýörite Kararnama kabul edildi. ■ 6

## Giň gerimli döwletara dialogy ösdürilýär

*18-nji martda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy Walentina Matwiýenkonyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.*

Gahryman Arkadagymyz Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky dostlugy we strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga goşýan uly şahsy goşandy üçin Russiýanyň parlamentiniň ýokarky palatasynyň ýolbaşçysyna minnetdarlyk bildirdi. Şunuň bilen baglylykda, Walentina Matwiýenkonyň köp ýyllaryň dowamynda Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň ýolbaşçylarynyň biri, Sankt-Peterburg şäheriniň gubernatory, Russiýanyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy hökmünde döwlet we halkara işleri işjeň alyp barmak bilen, däp bolan ikitaraplaýyn dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmaga uly ähmiýet berýändigi nygtaldy.

RF-niň parlamentiniň ýokarky palatasynyň ýolbaşçysy Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyna iki ýurduň arasyndaky netijeli gatnaşyklary ösdürmek babatda alyp barýan işine beren ýokary bahasy üçin hoşallyk bildirdi hem-de pursatdan peýdalanyp, Gahryman Arkadagymyza ýetip gelýän Nowruz baýramy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny beýan etdi we Russiýanyň iki döwletiň halklarynyň arasyndaky özara bähbitli gatnaşyklary pugtalandyrmak ugruna berk ygrarlydygyny tassyklady.

Söhbetdeşligiň dowamynda Milli Liderimiz Türkmenistanda Russiýa Federasiýasy bilen dostlukly gatnaşyklara ýokary baha berilýändigini hem-de ýurdumyzyň dürli ugurlar boýunça ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini artdyrmaga çalyşýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygynyň häzirki wagtda, şeýle hem uzak möhletli geljekde bu işde möhüm orun eýelejekdigine berk ynam bildirildi.

Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda strategik hyzmatdaşlyk ýola goýuldy.



Şunda özara gatnaşyklaryň täze formatlaryny döretmek we olaryň netijeli hereket etmegini üpjün etmek boýunça durmuşa geçirilen başlangyçlaryň ähmiýetine üns berildi. Ýurtlarymyz bu ugurdaky hyzmatdaşlyga işjeň gatnaşýarlar. Hususan-da, Walentina Matwiýenkonyň goldaw bermeginde ýola goýlan parlamentara hyzmatdaşlygyň möhüm ugry – Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýa Federasiýasynyň parlamentarileriniň duşuşyklary barada gürrüň edildi. Şunuň bilen birlikde, «Merkezi Aziýa – Russiýa» zenanlar dialogynyň täze ösüşe eýe bolandygyna üns çekildi. Bu formatlaryň çäklerindäki ilkinji çäreler 2022-nji ýylyň maýynda geçirildi diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy we parlamentarileriň nobatdaky duşuşygyny, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Russiýanyň zenanlarynyň dialogyny guramagy teklip etdi.

Türkmen-rus hyzmatdaşlygynyň häzirki ýagdaýyny hem-de geljegini ara alyp maslahatlaşmagyň çäklerinde giň gerimli döwletara dialogy ösdürmekde, ony hil taýdan täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmakda iki ýurduň parlamentarileriniň möhüm orny bellenildi. Şeýle hem medeni-ynsanperwer gatnaşyklary, hususan-da, bilim, ylym, saglygy goraýyş, medeniýet ulgamlarynda özara hereketleri pugtalandyrmak bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunda taraplaryň bu ugurlarda gatnaşyklary işjeňleşdirmäge çalyşýandygy tassyklanyldy.

Söhbetdeşligiň barşynda bellenilişi ýaly, Walentina Matwiýenkonyň döwlet, syýasy, jemgyýetçilik işi köp babatda eneligi we çagalygy, saglygy goramak, çagalara bilim bermek meseleleri bilen baglanyşyklydyr. Şunuň bilen baglylykda, Milli Liderimiz türkmen tarapynyň Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygynyň çagalar bilen bagly meseleleri çözmäge gönükdirilen giň möçberli, uzak möhletli strategiýalary hem-de maksatnamalary taýýarlamak, kabul etmek we durmuşa geçirmek boýunça başlangyçlaryna uly hormat bilen garaýandygyny aýtdy. Gahryman Arkadagymyz çagalaryň beden we aň taýdan sazlaşykly ösmegi, olara lukmançylyk, durmuş, beýleki kömekleri bermek, ýaş türkmenistanlylary goldamak üçin has oňaýly şertleri üpjün etmek maksady bilen, döwletimizde ägirt uly işleriň amala aşyrylýandygyny kanagatlanma bilen belledi. ■ 2

## «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly halkara forum geçirildi

Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamaga, milli ykdysadyýetiň hususy pudagyny ösdürmäge ýardam etmäge, häzirki zaman telekeçilik infrastrukturasyny emele getirmäge ugrukdyrýan jemgyýetçilik edarasy bolan Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmegine 17 ýyl boldy.

18-nji martda bu şanly waka mynasybetli Aşgabatdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly hususy pudaga maýa goýumlary çekmek boýunça halkara forum geçirildi.

Bu halkara forumyny (IFT 2025) «TMT Consulting Group» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlykda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi hem-de Söwda-senagat edarasy guraýar. Foruma




gatnaşmak üçin 26 ýurtdan 200-den gowrak wekil Aşgabada geldi. Olaryň hatarynda halkara guramalardyr maliýe institutlary bilen birlikde, Russiýanyň, Täjigistanyň, Gyrgyzystanyň, Pakistanyň, Fransiýanyň, Türkiýäniň, Germaniýanyň, Gazagystanyň, Hytaýyň, Beýik Britaniýanyň, Estoniýanyň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Azerbaýjanyň, Ukrainanyň, Owganystanyň, Niderlandlaryň, Belarusuň, Saud Arabystany Patyşalygynyň wekilleri hem bar.

Halkara maslahat ykdysadyýetiň dürli pudaklaryny ösdürmek mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak üçin ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň wekillerini, daşary ýurtly maýadarlary, iri kompaniýalaryň ýolbaşçylaryny, şeýle hem ykdysadyýet we innowasiýalar ulgamyndaky hünärmenleri bir ýere ýygnady. Munuň özi Türkmenistanyň maýa goýum mümkinçiligine gyzyklanmanyň barha artýandygyna şaýatlyk edýär. Bu waka ählumumy ykdysady giňişlikde ýurdumyzyň möhüm ähmiýetli ornuny ýüze çykaryp, öňdebaryjy halkara maliýe institutlary bilen birlikde, maýadarlaryň we bilermenleriň giň toparlarynyň hem ünsüni çekýär. ■ 2

3

### Mukaddes Gurhan MUZEÝI AÇYLDY

Golaýda Mekgäniň emiriniň orunbasary Saud ben Mişaal ben Abdel Aziz şäheriň Hyra medeni zolagynda gurlan Mukaddes Gurhan muzeýiniň açylyşyna gatnaşdy.



4

### Ir ýetişýän MIWE

Türkmen topragynda ilkinji ýetişýän miwe tudana hasaplanýar. Irki döwürlerden bäri ösdürilip ýetişdirilýän bu agajyň peýdasy sanardan köpdür.



5

### 13 ýyldan soň ILKINJI ÝEŇIŞ

Formula 1 boýunça täze möwsüme badalga berlip, 76-njy möwsümiň ilkinji ýaryşy Awstraliýa «Gran Prisinde» «McLaren» toparynyň britan piloty Lando Norris ýeňiş gazandy.



## Bäsdeşlerinden öňe geçdi

Awtoulag senagatynda iş alyp barýan BYD hytaý kompaniýasynyň 5 minutda zarýad alýan elektroulagyny tanyşdyrmagy bilen onuň biržadaky gymmaty görnetin artdy. Şeýlelikde, kompaniýanyň bazar gymmaty 162 milliard dollara ýetip, «Ford», «General Motors» we «Volkswagen» ýaly iri kompaniýalaryň ählisini goşanyňdakydan ýokary boldy. BYD-niň tanyşdyran «Super e-Platfrom» tehnologiýasy adaty ulaga ýangyç guýandaky ýalyrak wagtda – bary-ýogy 5 minutda alan zarýady bilen 470 kilometr ýol geçip bilýär. Bu täzelik aýdylandan soňra kompaniýanyň Gonkong biržasyndaky paýnamalary 6 göterim ýokarlandy. Şeýlelikde, «Ford» (39,4 milliard dollar), «General Motors» (49 milliard dollar) we «Volkswagen» (66 milliard dollar) ýaly iri kompaniýalardan öňe geçdi. Hytaý brendiniň paýnamalary şu ýylyň başyndan bäri 50 göterim gymmatlady.



BYD Hytaýda çalt zarýad berýän 4 müň beket gurmagy meýilleşdirýär. Şeýle hem kompaniýanyň daşary ýurtlarda, şol sanda Ýewropa ýurtlarynda hem önümçilik we ýygnaýjy zawodlary bar.

**Ahmet AKMUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Global söwda 33 trillion dollara ýetdi

BMG-niň Söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy (UNCTAD) global söwdanyň geçen ýyl 3,7 göterim artyp, 33 trillion dollara ýetendigini, bu sanyň rekord görkezijidigini mälim etdi. UNCTAD söwda syýasaty we global söwda maglumatlaryny seljerip maglumat taýýarlady. Maglumatda halkara söwdanyň 1,2 trillion dollar artandygy bellenildi. Global söwdadaky ösüşiň tas 60 göterime golaýy hyzmatlar pudagyna degişli bolupdyr. Hyzmatlar pudagy ýylyň dowamynda 9 göterim ýokarlanyp, bu ösüşe 700 milliard dollarlyk goşant goşupdyr. Haryt söwdasy bolsa, 2 göterim artyp, global söwdanyň ösüşine 500 milliard dollar goşant goşupdyr.



Pudaklara aýratyn seredilende bolsa, oba hojalygy, azyk, aragatnaşyk tehnologiýasy we gatnaw pudaklaryndaky ösüş tizligi peselipdir.

**Nury GARAÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, maýor.*

## San babatda birinji boldy

Hytaýyň taýýar tagamlary hödürleýän «Mixue Bingcheng» restoranlar «zynjyry» şahamçalarynyň sany babatda «McDonald's» we «Starbucks» ýaly belli brendlerden hem öňe geçip, dünýäde öňdeligi eýeledi. Şeýlelikde, «Mixue Bingcheng» dünýäde iýmit we içimlik hödürleýän «zynjyr» dükanlarynyň arasynda birinji boldy. Geçen ýylyň ahyryndaky maglumata görä, «Mixue Bingcheng»-iň 45 müňden gowrak şahamçasy bar.

«Mixue Bingcheng» mundan 28 ýyl ozal Hytaýyň kiçiräk welaýatlarynyň birindäki ilkinji restoranynda bary-ýogy 1 ýuandan doňdurma satyp başlaýar. Wagtyň geçmegi bilen köp ýerde şahamçasy açylan taýýar tagam restoranynyň Gonkong biržasynda satuwa çykarylan paýnamalarynyň gymmaty 40 göterim ýokarlandy. Kompaniýa golaýda paýnamalarynyň belli bir bölegini satuwa çykaryp, bir hepdede 444 million dollar ýygnady. Şahamçalarynyň 90 göterimi Hytaýda bolan kompaniýanyň Indoneziýa, Wýetnam we Malaýziýa ýaly Aziýa-Ýuwaş ummany ýurtlarynda restoranlary bar.




**Ýazgeldi BABALYÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Suwasty ýel bekedi gurlar

Fransiýanyň Normandiýa sebitiniň kenarynda suwasty ýel beketleri gurlar. «NH1» atly iri taslamanyň çäklerinde suwuň akymyndan elektrik energiýasyny öndürýän dünýäniň iň kuwwatly beketleri oturdylar. Bu ýerdäki deňiz suwunda daşgyn-gaýtgyn sebäpli yzygiderli akym emele gelýär. «Normandie Hydroliennes» atly kompaniýa bu ýerde dört sany turbina gurar. Kenardan üç kilometr uzaklykda guruljak desgalar 2028-nji ýylda işe giriziler. Bilermenler bu ýerde dünýädäki iň güýçli deňiz akymynyň bardygyny belläp, ilkinji nobatda umumy önümçilik kuwwaty 12 MW bolan 4 desganyň guruljakdygyny, munuň her ýylda 34 GW/sagat elektrik energiýasyny öndürjekdigini we 15 müň ilaty elektrik energiýasy bilen üpjün etjekdigini belleýärler. Geljekde bu ýerde her ýylda 85 turbina gurlup, ulanmaga berler. Suwasty turbinalar azyndan 38 metr çuňlukda ýerleşer.



**Döwlet MÖWLAMOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

## GIŇ GERIMLI DÖWLETARA DIALOGY ÖSDÜRILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şu ýylyň 29-njy martynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň guramagynda «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň bähbidine halkara işini ösdürmek» atly maslahat geçiriler. Şunuň bilen baglylykda, Milli Liderimiz Russiýa Federasiýasynyň ýokary derejeli wekiliýetini öňde boljak foruma gatnaşmaga çagyryp, munuň parahatçylygyň belent ýörelgelerini, hoşniýetlilik we ynsanperwerlik gymmatlyklaryny ilerletmekde saldamly goşant boljakdygyna ynam bildirdi.

Russiýa Federasiýasynyň Federal Ýygnagynyň Federasiýa Geňeşiniň Başlygy çakylyk üçin hoşallyk bildirip, russiýaly parlamentarileriň şu ýyl Türkmenistanda geçirilmegi göz öňünde tutulýan çärelere, ilkinji nobatda, çagalaryň bähbidine halkara işe bagyşlanan maslahata gatnaşmaga taýýardygyny tassyklady.



Telefon arkaly söhbetdeşligiň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Russiýa Federasiýasynyň parlamentiniň ýokarky palatasynyň ýolbaşçysy Walentina Matwiýenko ikitaraplaýyn gatnaşyklara mahsus bolan özara düşünişmegiň ýokary derejesiniň netijeli hyzmatdaşlygy ähli ugurlar boýunça ösdürmek üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat etjekdigine ynam bildirip, birek-birege hem-de iki ýurduň doganlyk halklaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

## HUSUSY PUDAGYŇ BATLY GADAMLARY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça oba hojalyk we azyk önümlerini öndürmegiň ösüş depgininiň 106,6 göterime, senagat önümlerini öndürmegiň ösüş depgininiň 106 göterime deň bolmagy döredilýän giň mümkinçilikleriň miwesidir. Geljekde kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, jemi içerki önümiň düzüminde hususy pudagyň paýyny




71,6 göterime ýetirmek ugrundaky özgertmeler türkmen telekeçilerini täze üstünliklere ruhlandyrýar. Ýakynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň buýurmasy esasynda «Eziz doganlar» hususy kärhanasy tarapyndan bina edilen Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylmagy hem döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň aýdyň netijesidir.

Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürýän senagatçylardyr telekeçiler ösüşlere uly goşant goşýarlar. Häzirki wagtda telekeçilerimiz oba hojalyk ekinleriniň ýokary hasyl berýän, ir ýetişýän täze görnüşlerini ekýärler. Şunda ulanylýan innowasion usullar bol hasylyň we tebigy serişdelerden netijeli peýdalanmagyň girewi bolup hyzmat edýär. Oba hojalykçy telekeçilerimiz bazarlarymyzy mal we guş eti, balyk we balyk önümleri, ýumurtga, süýt we süýt önümleri, şöhlat, konditer, çörek we çörek önümleri, agyz suwy, miwe içgileri hem-de şireleri, ösümlik ýagy, bugdaý, pagta, gök-bakja, azyklyk däneleri, miweler we üzüm hem-de beýleki önümler bilen üpjün edýärler.

Mälim bolşy ýaly, geçen ýylda ýurdumyz boýunça maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna önümçilik we medeni-durmuş maksatly desgalaryň 86-sy, umumy meýdany 1 million 145 müň inedördül metre deň bolan ýaşaýyş jaýlary ulanmaga berildi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen gurulýan, ýurdumyzyň taryhynda ilkinji «akylly» şäher bolan Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygy ýokary depginde dowam etdirilýär, täze önümçilik we durmuş düzümleri döredilýär. Bu üstünliklerde hususy pudagyň wekilleriniň mynasyp goşandy bardyr. Çünki türkmen işewürleri innowasion tehnologiýalary we öňdebaryjy dünýä tejribesini özleşdirmek bilen, ösüşiň täze belentliklerini nazarlaýarlar.




Şanly wakalar, belent sepgitler bilen taryha ýazylýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem hususy pudagyň wekillerini täze üstünliklere ruhlandyrýar. Eziz Diýarymyzyň ähli babatda gülläp ösmegi, halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy ugrunda ýadawsyz aladalary edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza we türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

**Zaman KULYÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

## SEBITARA YKDYSADY HYZMATDAŞLYK PUGTALANDYRYLÝAR

Günsaýyn ösüp-özgerýän ýurdumyz täze sepgitler bilen belent üstünliklere eýe bolýar. Häzirki ajaýyp döwrümizde halk bähbitli we dünýä ähmiýetli başlangyçlar has rowaçlanýar. Şunda dünýäde parahatçylygy wagyz etmek, hemişelik Bitaraplyk syýasatyna eýerip, umumadamzat bähbitli başlangyçlary öňe sürmek çuňňur many-mazmuna eýedir. Şeýle hem hemişelik Bitaraplygymyzyň ýörelgelerine esaslanýan başlangyçlaryň dünýäde ykrar edilýändigini bellemek has-da ýakymlydyr.



Hemişelik Bitaraplyk syýasaty ýurdumyzyň abadançylygyny, durnukly ösüşiň binýadyny pugtalandyrdy. Durnukly ösüş ýurdumyzyň pajarlap ösmegine, dünýä jemgyýetçiligi bilen hoşniýetli gatnaşyklaryň has-da giňeldilmegine badalgadyr. Hormatly Prezidentimiziň hemmetaraplaýyn hem-de ylmy esasda alnyp barylýan öňdengörüjilikli, hoşniýetli syýasatynyň netijesinde dünýäniň ençeme döwletleri, iri halkara guramalary bilen köpugurly hem-de giň möçberli hyzmatdaşlyklaryň gerimi barha giňeldilýär. «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahat hem bu aýdanlarymyza aýdyň mysaldyr. Aşgabatda geçirilen bu maslahat sebitara ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak hem-de sebitde we dünýäde durnukly ösüşi üpjün etmekde möhüm ädim boldy.

Hormatly Prezidentimiz halkara maslahata gatnaşyjylara ugradan gutlagynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň möhüm wakalarynyň biri bolan, sebitara ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek maksady bilen geçirilýän bu halkara maslahat Merkezi we Günorta Aziýa döwletleriniň arasyndaky hoşniýetli gatnaşyklaryň has-da pugtalandyrylmagyna, ýangyç-energetika, üstaşyr ulag we üpjünçilik taslamalarynyň häzirki zaman ösüş ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga, oňa maýa goýumlary çekmäge giňden ýardam berer» diýip belledi.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň asylly ýörelgelerini dünýä ýaýýan, halklaryň arasyndaky dost-doganlyk gatnaşyklaryny has-da pugtalandyrýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Gülbahar KERIMOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## KÖMELEGIŇ PEÝDASY

Bahar paslynyň gelmegi bilen tebigat ynsana dürli görnüşli nygmatlary eçilýär. Şolaryň biri-de kömelekdir. Kömelekden taýýarlanylýan tagamlar ganazlykda we sowuklamada peýdalydyr. Ýöne iýmit siňdiriş ýollarynda, böwrekde, ýürek-damar ulgamynda gowşaklyk bolanda, maddalaryň alyş-çalyş bozulmasynda kömelekden bişirilen nahary iýmekden saklanmak maslahat berilýär. Kömelekler iýmäge ýaramlylygy boýunça birnäçe topara bölünýär. Olar iýilýän kömelekler, şertli iýilýän, iýilmeýän zäherli kömeleklerdir.

Kömelek örän tagamly bolup, peýdaly maddalara, B witaminler toplumyna, D witaminine, demir, sink, kükürt, fosfor, kaliý, kalsiý mikroelementlerine baýdyr. Bular saglygy berkidip, myşsalary belok bilen baýlaşdyrýar, beýnide dürli näsazlyklaryň öňüni alýar. Ak kömelekde PP witamini, köp mukdarda nikotin turşusynyň bolmagy ýüregiň işleýşini sazlaýar. Miokardyň diwarlaryny berkitmek üçin diýetologlar ter ak kömelekden taýýarlanan çorba iýmegi maslahat berýärler.

Kömelegiň düzümindäki mikroelementler onuň bitýän ýeriniň topragyna baglydyr. Eger toprakda dürli himiki birleşmeler we maddalar bar bolsa onda kömelegiň hem zäherlenme howpy döreýär. Kömelegi örülen sebetde ýa-da mata haltajygynda saklamalydyr. Sebäbi kömelegiň köp bölegi suwdan ybarat bolansoň, ol gysga wagtyň dowamynda zaýalanýar.

Bedeni sagdyn adamlarda hem kömelekden zäherlenme ýaly kesselleriň döremegi mümkindir. Bu ýagdaý köplenç ýagdaýda üns berilmän, tanalmaýan zäherli kömelekler iýilen halatynda ýüze çykyp bilýär. Şonuň üçin



hem ýaramsyz kömelek iýip, garnyňyzda agyrynyň, sanjynyň döremegi, üznüksiz gaýtarma, içgeçme, başaýlanma, ýürek urşuň haýallamagy ýaly ýagdaýlar ýüze çykanda maşgala lukmanyna ýüz tutmaly.

**Ogulgerek BEGALIÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kliniki farmakologiýa okuwly gospital terapiýasy kafedrasynyň assistenti.*

## «TÜRKMENISTANYŇ GELJEGINE MAÝA GOÝUMLAR» ATLY HALKARA FORUM GEÇIRILDI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Foruma gatnaşyjylara senagat, ulag, oba hojalyk, maglumat tehnologiýalary we beýleki pudaklardaky ileri tutulýan taslamalar bilen tanyşmaga, hususy işewürligi goldamak boýunça çäreleri öwrenmäge, halkara we ýerli maýadarlar, maliýe institutlary we işewürligiň wekilleri bilen gatnaşyklary ýola goýmaga, sebitde işewürligi alyp barmagyň, maýa goýum etmegiň iň gowy dünýä tejribelerine bagyşlanan bilermenleriň maslahatlaşmalaryna mümkinçilik boldy.






IFT 2025 halkara forumy Türkmenistanyň hususy pudagynyň ösüşleri: ýetilen sepgitler we mümkinçilikler, Kiçi we orta telekeçilige ýardam bermek: halkara we milli tejribeler, Üznüksiz aýlawly (sirkulýar) ykdysadyýet: Türkmenistanyň senagat, gurluşyk, ulag we syýahatçylyk pudaklarynyň häzirki zaman ösüşinde hususy pudagyň orny, Oba hojalygyna innowasiýalary ornaşdyrmakda hususy pudagyň gazananlary we maksatnamalaýyn ugurlary ýaly bölümleri öz içine alýar. Bu bölümleriň çäklerinde geçirilen plenar mejlislerde ýerli bilermenler bilen bir hatarda BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň Türkmenistandaky hemişelik wekili Narine Saakýan, Türki söwda we senagat edarasynyň wekili Adem Kula, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ÝHHG) Aşgabatdaky merkeziniň ýolbaşçysy Jon MakGregor, Türkmen-gazak işewürler geňeşiniň gazak tarapyndan ýolbaşçysy Aýdar Kazybaýew, Aziýa Ösüş Bankynyň Türkmenistandaky hemişelik wekilhanasynyň direktory Artur Andrisýak ýaly birnäçe bilermenler çykyş etdiler. Çykyşlarda ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda maýa goýumlaryna möhüm ornuň degişlidigi bellenildi.

Halkara forumda hususy pudagynyň wekilleri bilen Russiýa Federasiýasynyň, Niderlandlar Patyşalygynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň kompaniýalarynyň arasynda çarçuwaly ylalaşyklara, özara düşünişmek hakynda ähtnamalara gol çekildi. Şeýle hem Türkmenistanyň hususy kärhanalarynyň täze önümleriniň, maýa goýum taslamalarynyň tanyşdyrylyşy boldy. Şunda teklip edilýän taslamalaryň ykdysady taýdan netijeliligine, olaryň ekologik talaplara laýyklygyna aýratyn üns berildi. Halkara maýa goýum forumynyň çäklerinde ikitaraplaýyn duşuşyklar geçirilip, olaryň barşynda özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmak üçin geljegi uly ugurlar kesgitlenildi.

## YNSANPERWERLIGIŇ BEÝIK NUSGASY

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, ynsanperwerlik, mätäji goldamak ýaly milli ýörelgelerimize eýermek bilen, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy tarapyndan ata-enesiniň ýa-da olaryň ornuny tutýan adamlaryň howandarlygyndan galan çagalaryň we ýetginjekleriň aýratyn alada bilen gurşalyp alynmagy, olaryň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmegi ugrunda alnyp barylýan işler ýaş nesliň abadan, bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge, kämil şahsyýetler hökmünde kemala gelmegine gönükdirilendir.

Halkymyz asyrlarboýy öz nesline aýratyn alada we mähir bilen garap, olara iň oňat zatlary bagyş edipdir. Arkadag şäherinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezi hereket edýär. Munuň özi hemaýata mätäç çagalara kömek etmek boýunça alnyp barylýan işleri has-da giňeltmäge mümkinçilik berýär.

Gaznanyň döredilen gününden bäri saglygy goraýyş merkezlerinde howandarlyga mätäç näsag çagalara ýüzlerçe operasiýalar geçirildi. Çagalara we ýetginjeklere hossarlyk etmegiň, olary aýratyn üns-alada bilen gurşap almagyň ähmiýeti örän uludyr. Şonuň üçin Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň we gaznanyň ýanynda Ýaşulular geňeşiniň döredilmegi milli däplerimize görä çagalary goldamakda, goramakda, olara howandarlyk etmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Häzirki wagtda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewanyň ýolbaşçylygynda hem gaznanyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak ugrunda giň tagalla edilýär. Golaýda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekili Jalpa Ratna bilen duşuşygy boldy. Onda Türkmenistan bilen ÝUNISEF-iň arasyndaky gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy we ony ösdürmegiň geljekki ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Lukman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen Türkmenistanda enäniň we çaganyň saglygyny goramak boýunça «2021 – 2025-nji ýyllar üçin «Sagdyn ene – sagdyn çaga – sagdyn geljek» atly Milli strategiýa işlenip taýýarlanyldy. Şundan ugur alnyp, Milli Liderimiziň «Sagdyn ene bolmasa, sagdyn çaga bolmaýar» diýen parasatly jümlesinden gelip çykýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine möhüm ähmiýet berilýär. Bu bolsa saglygy goraýyş ulgamyndaky utgaşykly işleriň binýadyna öwrüldi. Çagalaryň sazlaşykly ösüşi bilen baglanyşykly meseleler döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanýar.

Häzirki wagtda ynsanperwer ýörelgeleri esasy ugur edinýän gaznanyň döredilmeginiň 4 ýyllygyny bellemek ugrunda hem tagalla edilýär. Garaşsyz Watanymyzda bagtyýar nesillerimiziň beden we ruhy taýdan sagdyn bolmagyny gazanmak, enäniň we çaganyň saglygyny goramak döwlet syýasatymyzyň ileri tutýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu ugurda ýurdumyzda toplumlaýyn işler yzygiderli durmuşa geçirilýär.

Berkarar döwletimizde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça



haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmegi her bir çaga mähirli garaýyş bilen howandarlyk edilýändiginiň subutnamasy bolup durýar.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy sagdyn ýaş nesli kemala getirmekde aýratyn möhüm orna eýedir. Gaznanyň işine yzygiderli goldaw bermekde, ýurdumyzda ynsanperwerlik, adalatlylyk, sahawatlylyk däplerini durmuşa geçirmek bilen, haýyr-sahawat işini ösdürmekde hormatly Prezidentimiz ägirt uly tagallalary edýär. Täze taryhy eýýamda türkmen halkynyň gadymdan gelýän asylly däpleri Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ynsanperwer syýasatynda aýdyň beýanyny tapýar.

**Reýhan BERDIMURADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Antarktikanyň buzasty kartasy

Angliýanyň Antarktika Barlaglary (BAS) institutynyň bilermenleri Ýeriň sowuk sebitiniň buzuň astyndaky jikme-jik kartasyny taýýarladylar. Bu ýerde buzlugyň galyňlygy 4,5 kilometre çenli ýetýär. «Bedmap3» atly karta 60 ýyldan gowrak wagtda taýýarlanan maglumatlaryň seljerilmegi bilen, ýklymyň ozal mälim bolmadyk ýerleri barada maglumat berýär. Karta uçarlar, emeli hemralar, gämiler we it bilen çekilen sankiler arkaly alnan maglumatlar esasynda taýýarlanypdyr. Kartada meýdany 27 million inedördül metre ýetýän Antarktikada buzuň astyndaky daglar we çuň jülgeler görkezilipdir. «Scientific Data» žurnalynda çap edilen kartada buzuň has galyň ýerleri hem aýratyn görkezilipdir. Ozalky maglumatlarda ýklymda iň galyň buzluk Adeliň Ýerindedigi çaklanylýan bolsa, täze kartada Wilksiň Ýerindäki bir jülgededigi bellenilýär.



Bu ýerdäki buz gatlagynyň galyňlygy 4 müň 757 metre ýetýär. Bu karta 2001-nji ýylda Antarktikanyň gury ýer böleklerini anyklamak üçin taýýarlanyp başlanypdy. Täze kartada ozalkylaryň iki essesi ýaly maglumat bar. Şeýlelikde, Günorta polýusyň köp ýeriniň kartasy ilkinji gezek ýüze çykaryldy.

**Gunça HUDAÝBERDIÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki 91-nji çagalar bagynyň müdiri.*

## 8 günlük syýahat 9 aýa çekdi

Geçen ýylyň 5-nji iýunynda 8 günlük maksatnama bilen Halkara kosmos bekedine ugradylan amerikan astronawtlary Barri Wilmor bilen Suni Wilýams «Dragon» kapsulasy bilen yzyna getirildi. Uçuş 17 sagat töweregi dowam etdi. Olaryň ýany bilen amerikan astronawty Nik Heýg hem-de rus kosmonawty Aleksandr Gorbunow dagy Ýere geldi.



Wilmor bilen zenan astronawt Wilýams «Boeing» kompaniýasynyň işläp taýýarlan «Starliner» kapsulasy bilen kosmosa uçurylypdy. Emma ilkinji adamly uçuşyny amala aşyrýan kosmos gämisinde tehniki näsazlyk ýüze çykansoň, olaryň yzyna gaýtmagy yza süýşürilipdi. 16-njy martda «SpaceX» kompaniýasynyň «Dragon» kapsulasy arkaly ýapon, rus we amerikan astronawtlaryndan ybarat ekipaž Halkara kosmos bekedine iberildi. Ekipažda amerikaly zenan astronawtlar Enn Makkleýn, Nikol Aýers, ýaponiýaly Takuýa Onişi we russiýaly Kirill Peskow bar.

**Meňli ATAMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Mart aýynyň 20-si, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115966
Belgisi: 12/1630
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Gresiýanyň täze Prezidenti

**Konstantinos Tasulas Gresiýanyň Prezidenti hökmünde kasam kabul etdi. Onuň ygtyýarlyk möhleti 5 ýyl bolar. 12-nji fewralda geçirilen saýlawlarda ýeňiş gazanan häkimiýet başyndaky «Täze Demokratiýa» konserwatiw partiýasynyň agzasy Konstantinos Tasulas parlamentde kasam kabul edip, wezipesine girişdi. Parlamentiň öňki başlygy Konstantinos Tasulas ozal ýurduň ýokary administratiw kazyýetine ýolbaşçylyk eden Katerina Sakellaropulunyň ýerine geçdi.**

**– Men ähli grekleriň Prezidenti hökmünde Konstitusiýany, milli bitewüligi we grek halkynyň bähbitlerini goramak üçin ähli tagallalary ederin – diýip, Tasulas Prezident diwanynda geçirilen kasam kabul edişlik dabarasynda aýtdy.**

**65 ýaşly Konstantinos Tasulas dürli wezipelerde işlän tejribeli syýasatçydyr. Ol 2007-nji ýylda goranmak ministriniň orunbasary,**



**2014-nji ýylda medeniýet we sport ministri bolup işledi. 2019-njy ýylda Gresiýanyň parlamentiniň başlygy wezipesine saýlanyp, soňra bu wezipä iki gezek gaýtadan saýlandy. Ol şu ýylyň ýanwar aýynda Premýer-ministr Kiriakos Misotakis tarapyndan Prezident wezipesine hödürlenendi.**

# MARK KARNI KASAM KABUL ETDI

Kanadanyň dolandyryjy Liberal partiýasynyň täze başlygy Mark Karni ýurduň 24-nji Premýer-ministri hökmünde kasam kabul edenden soň, Ministrler Kabinetiniň täze saýlanan agzalaryny tassyklady. Indiki parlament saýlawlaryna çenli 24 adamdan ybarat täze hökümetiň düzümi Kanada bilen ABŞ-nyň arasyndaky gatnaşyklara gözegçilik etmekde esasy wezipeleri eýelän möhüm ministrleri öz içine alýar.

Melani Žoli daşary işler ministri bolmagynda galýar we öňki maliýe ministri Dominik Leblan täze halkara söwda ministri hökmünde Kanada-ABŞ gatnaşyklarynyň üstünde işlemegini dowam etdirer. Onuň ýerine innowasiýa, ylym we senagat ministri Fransua-Filipp Şampan geçdi.

Mark Karni 9-njy martda Liberal partiýanyň başlygynyň saýlawlarynda ynamly ýeňiş gazanandan soň, Jastin Trýudonyň ornuna geçdi. Trýudo Liberal partiýanyň täze başlygy Mark Karniniň kasam kabul ediş dabarasyndan öň Kanadanyň gubernatory Meri Simona işinden çekilýändigi barada resmi taýdan arza berdi. Mark Karni ýakyn wagtda Parlament saýlawlarynyň geçiriljek senesini mälim edenden soň, ýurduň raýatlary aprel aýynyň ahyrynda ýa-da maý aýynyň başynda ses berip bilerler.

17-nji martda Kanadanyň Premýer-ministri Mark Karni Fransiýa ilkinji resmi saparyny amala aşyrdy. Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron bilen bolan duşuşykdan soň Londona sapar edip, Beýik Britaniýanyň Premýer-




ministri Kir Starmer we Korol Karl III bilen gepleşik geçirdi.

Demirgazyk Amerikada ýerleşýän Kanadanyň 41 milliondan gowrak ilaty bar. Dünýäniň iň uzyn kenar ýakasy bolan bu ýurt Atlantik, Ýuwaş ummany we Arktika ummanlary bilen ýuwulýar. ABŞ bilen günortada we demirgazyk-günbatarda (Alýaska), demirgazyk-gündogarda Daniýa (Hans adasy) bilen serhetleşýär we gündogarda Fransiýa bilen deňiz araçägi bar.

# Täze maglumat merkezi gurulýar

ABŞ-nyň «OpenAI» we «Oracle» kompaniýalary «Stargate» taslamasynyň çäklerinde Tehas ştatynyň Abilin şäherinde maglumat merkeziniň gurluşygyna başlady. «Ýakyn wagtda bu ýerde «Nvidia» kompaniýasynyň «GB200» çipleriniň ilkinji 16 müňüsi oturdylar, 2026-njy ýyla çenli bolsa bu sanyň 64 müňe ýetirilmegine garaşylýar.

Ýanwar aýynda ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp «OpenAI», «Softbank» we «Oracle» ýaly öňdebaryjy kompaniýalar tarapyndan emeli aň ulgamynda iň täze infrastruktura taslamasy bolan «Stargate» 4 ýylyň dowamynda 500 milliard dollar maýa goýuljakdygyny mälim etdi. Prezident Tramp «Stargate» taslamasyny «taryhyň iň uly emeli aň infrastruktura taslamasy» diýip atlandyryp, ABŞ-nyň täze tehnologiýalar ugrunda bäsdeşlige duçar bolýandygyny belläpdi.

«Stargate» taslamasy emeli aň modellerini ornaşdyrmak üçin zerur bolan «Nvidia»-nyň iň täze çipleriniň önümçiligini ýaýbaňlandyrmak üçin tehnologiýa kompaniýalarynyň arasyndaky giň gerimli bäsdeşligiň bir bölegi boldy. «OpenAI» maglumat merkeziniň üpjünçilik işleri bilen meşgullansa, «Oracle» superkompýuterleri satyn almak we olary işe girizmek işlerini öz üstüne alýar. Ýöne häzirlikçe kompaniýalaryň hiç birisi bu mesele barada jikme-jik maglumat bermedi.

Beýleki kompaniýalar hem emeli aň infrastrukturasyna maýa goýýarlar. Mysal üçin, Ilon Maskyň «xAI» kompaniýasy Memfisde emeli aň serwerlerini gurmak üçin «Dell Technologies» kompaniýasy bilen 5 milliard dollarlyk şertnama baglaşdy. «Meta Platforms» kompaniýasy bolsa «Nvidia H100» çipleriniň



sanyny 600 müňe ýetirmek ugrunda has uly hasaplaýyş kuwwatyny döretmegi meýilleşdirýär.

«GB200» çipleriniň ilkinji tapgyrynyň bahasy milliardlarça dollara deň bolar. «Nvidia» kompaniýasy çipleriň bahasyny aýdanok, emma kompaniýanyň baş direktory öň «GB200» çipleriniň bahasynyň 30 müň bilen 40 müň dollar aralygyndadygyny belläpdi. «OpenAI» we «SoftBank» geljekde Pensilwaniýa we Wiskonsin ýaly beýleki sebitlerde hem maglumat merkezlerini gurmagy meýilleşdirýär.

# Parlament saýlawlary geçiriler

Portugaliýanyň Prezidenti Marselo Rebelu de Souza 14-nji martda ýurduň telewideniýesinde eden çykyşynda parlamentiň ýatyrylýandygyny we 18-nji maýda möhletinden öň parlament saýlawlarynyň geçiriljekdigini habar berdi.

Premýer-ministr Luiş Montenegrunyň administrasiýasy 11-nji martda parlamentde ynam sesini alyp bilmänsoň, wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetirjekdigi mälim edildi. Prezident Marselo Rebelu de Souza ýurduň esasy syýasy partiýalary we Döwlet Geňeşi bilen maslahatlaryndan soň saýlawlary möhletinden öň geçirmek barada karar kabul etdi. Bu soňky 3 ýylda ýurtda üçünji gezek geçiriljek saýlawlar bolar.

Portugaliýa Respublikasy günorta-günbatar Ýewropada ýerleşip, 10 milliondan gowrak ilaty bar. Ýurt Demirgazykda we gün-



dogarda Ispaniýa bilen serhetleşýär, günorta we günbatarda Atlantik ummany bilen ýuwulýar. Ýurduň paýtagty Lissabon.




# Mukaddes Gurhan muzeýi açyldy

Golaýda Mekgäniň emiriniň orunbasary Saud ben Mişaal ben Abdel Aziz şäheriň Hyra medeni zolagynda gurlan Mukaddes Gurhan muzeýiniň açylyşyna gatnaşdy. Mekgä zyýarata barýanlaryň dini we medeni düşünjelerini artdyrmak maksady bilen bina edilen bu muzeý ýurduň baý yslam merkezleriniň birine öwrüler. Muzeýiň taslamasy we işe girizilmegi Saud Arabystanynyň Mekge we mukaddes ýerler baradaky Patyşalyk komissiýasynyň ýardam bermegi bilen toplumlaýyn ulgamyň çäklerinde amala aşyryldy. Düzüminde bilim we häzirki zaman tehnologiýalaryny jemleýän muzeý myhmanlara giňişleýin bilim we tejribe berýär.

Hyra medeni zolagynda ýerleşýän Gurhan muzeýinde Gurhanyň taryhy nusgalarynyň ýygyndysy saklanýar. Muzeýiň eksponatlary bu ýere gelýänlere dürli döwürlerde Gurhany ýygnamak we abatlamak işleri barada giňişleýin düşünje berýär. Musulmanlar üçin esasy ýol görkeziji hökmünde Gurhanyň gymmatyny we derejesini düşündirmek hem-de häzirki zaman görkeziş usullary arkaly zyýaratçylaryň tejribesini baýlaşdyrmak bu muzeýiň açylmagynyň esasy maksady bolup durýar. Bu muzeý Saud Arabystanynyň Patyşalyk komissiýasynyň taryhy ýadygärlikleri dikeltmek boýunça tagallalaryna laýyklykda döredildi.

Häzirki wagtda Hyranyň Gurhan muzeýi Remezan aýynda myhmanlary garşylaýar we zyýaratçylara taryh we taryhy golýazmalary öwrenmek üçin ajaýyp mümkinçilik döredýär. Hyra medeni zolagy Muhammet pygambere wahyý inen ýer bolan Hyra gowagynyň golaýynda ýerleşýär we dürli bölümleri, şol sanda, «Fatiha» sergisini öz içine alýar. Bu ýerde zyýaratçylar Allanyň pygamberine «Fatiha» süresiniň inişiniň taryhy bilen tanyş bolanlaryndan soň belentlikde ýerleşýän Hyra gowagyna baryp görýärler.

# Milan öňdeligi eýeledi

**«Visualcapitalist» mediýa platformasy tarapyndan gezelenç etmek üçin dünýäniň iň gowy 20 şäheriniň sanawy çap edildi. Awtorlar şäher ilatynyň esasy infrastruktura desgalaryna barmak üçin ortaça wagtyň çäklerinde dürli şäherlere baha berdiler.**

**Sanawda birinji orny Milan şäheri eýeledi, Italiýanyň ikinji uly şäheri «has ykjam we oňaýly şäher» diýlip ykrar edildi, bu ýerde esasy amatlyklara ýetmek üçin pyýada aralyk 6 minut 24 sekunda deňdir. Ikinji orunda 6 minut 36 sekunt netije bilen Daniýanyň paýtagty Kopengagen, üçünji orunda bolsa Italiýanyň başga bir şäheri Turin (7 minut 6 sekunt) gelýär.**

**Ilkinji onluga Dublin, Lion, Mýunhen, Pariž, Marsel, Genuýa we Edinburg girdi. Belarusuň paýtagty Minsk 16-njy orunda ýerleşdi. Minskde dükanlara, mekdeplere we hassahanalara barmak üçin pyýada 8 minut 36 sekunt ýöremek ýeterlikdir. Ýigrimilige Berlin, Wena, Sankt-Peterburg, Bilbao, Bordo, Ştutgart, Lill, Barselona we Oslo şäherleri girizildi. Barlaglar geçirilende, ilaty 500 müňden geçýän ilatly şäherler göz öňünde tutuldy.**

**Aziýada pyýada gezelenç etmek üçin iň gowy şäher diýlip, Ýaponiýanyň Kioto şäheri yglan edildi, ol 28-nji orunda ýerleşdi. Aziýanyň Taýbeý, Katmandu, Taýçžun we Tokio şäherleri hem sanawda orun aldylar.**



# TÜRKÜSTAN AÝRATYN DEREJÄ EÝE BOLDY

Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew «Türküstan şäheriniň aýratyn derejesi barada» Kanuna gol çekdi. Kanun bu şäheriň Gazagystanyň ruhy, taryhy, medeni we syýahatçylyk merkezi hökmünde aýratyn derejesini kepillendirýär. Resminama Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähini we beýleki ýadygärlikleri goramagy, arheologik we abatlaýyş işlerini ýola goýmagy, milli senetleri dikeltmegi we arheologik goraghanany döretmegi öz içine alýan taryhy we medeni mirasy gorap saklamagy göz öňünde tutýar. Şäheriň taryhy özboluşlylygyny gorap saklamak bilen birlikde syýahatçylygy ösdürmek, şäher gurşawyny abadanlaşdyrmak, durmuşyň hilini ýokarlandyrmak we başga-da birnäçe çäreler amala aşyrylar.

Şeýlelikde, Gazagystanyň iň gadymy şäherlerinden biri bolan Türküstan resmi taýdan ýörite derejä eýe boldy. Bu karar sebitiň ösüşini çaltlandyrmaga, türki dünýäsiniň ruhy we medeni merkezi hökmünde ähmiýetini berkitmäge, maýa goýumlary çekmäge we ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Ýörite dereje ýerli häkimiýetlere goşmaça ygtyýarlyklary, ykdysady ýeňillikleri we şäher infrastrukturasyny çaltlandyrmagy üpjün ed-



ýär. Hususan-da, işewürler üçin salgyt ýeňillikli ýörite ykdysady zolak döredilýär, maýadarlar üçin administratiw amallar ýönekeýleşdirilýär we salgyt girdejileriniň bir bölegi mundan beýläk-de ösüş üçin şäheriň ygtyýarynda galýar. Şeýle-de täze ýollaryň gurulmagy, ulag ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, suw üpjünçiligini gowulandyrmak, elektrik geçiriji ulgamlary abatlamak we gazlaşdyrmak ýaly giň gerimli özgerişlere garaşylýar.

Syýahatçylyk we medeniýet işjeň ösdürilip, Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähi bilen birlikde beýleki taryhy ýadygärlikler abatlanýar, täze syýahatçylyk ugurlary döredilýär, halkara festiwallar we medeni çäreler meýilleşdirilýär. Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähiniň özboluşlylygyny saklamak maksady bilen, belentligi 7 metrden ýokary bolan desgalaryň gurulmagyna we aramgähiň howpsuzlyk zolagynyň serhedinden ýüz metr aralykda taryhy we medeni ýadygärliklere laýyk gelmeýän desgalaryň gurulmagyna gadaganlyk girizilýär.

«Uzak möhletde şäher halkara sahnasyndaky ornuny güýçlendirip, güýçli ykdysady, medeni we syýahatçylyk merkezine öwrülip biler. Şeýle-de bolsa, başlangyjyň üstünligi, esasan, netijeli dolandyryşa, ätiýaçlyklardan peýdalanmagyň aç-açanlygyna we ähli gyzyklanýan taraplaryň işjeň gatnaşmagyna bagly bolar» diýlip, habarda bellenilýär.

2023-nji ýylda Gazagystanyň Hökümeti Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähiniň ýagdaýyny öwrenmek üçin 300 milliondan gowrak tenge (602 müň dollar) bölüp berdi. Aramgäh 40 metr beýiklikdäki 35 otagly binadyr. Şunuň bilen baglylykda, uly göwrümli binanyň tehniki ýagdaýyny abat saklamak üçin her ýyl ýurduň býujetinden maliýe serişdeleri bölünip berilýär.

Hoja Ahmet Ýasawy (1103-1166) Merkezi Aziýanyň meşhur filosofy, şahyry bolup, eserlerini garahanly-uýgur dilinde ýazypdyr. Ol «Hikmetler» atly kitaby bilen giňden tanalýar. Sopuçylyk mekdebini esaslandyran Hoja Ahmet Ýasawy köp sanly şägirtleri ýetişdirip, Merkezi Aziýada yslamyň ýaýramagynda möhüm orun eýeläpdir. Hoja Ahmet Ýasawy aradan çykandan 233 ýyl soň, Teýmirleňiň karary bilen Ýassy şäherinde (Türküstan) Ahmet Ýasawynyň aramgähi gurlup, sebitdäki musulmanlaryň zyýarat edýän ýerine öwrülipdir.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

### gysga setirlerde

► **«Intel»-iň täze başlygy.** 18-nji martda asly malaýziýaly işewür Lip-Bu Tan «Intel» amerikan kompaniýasynyň täze başlygy wezipesine bellendi. 65 ýaşly Tan mundan öň «Intel»-iň müdirler geňeşinde işleýärdi. Ýarymgeçirijileriň önümçiliginde öňdebaryjy kompaniýa soňky wagtlar çökgünlik bilen ýüzbe-ýüz bolýar.



► **Emeli aň sapaklary okadylar.** Täze okuw ýylyndan başlap Pekiniň orta mekdeplerinde ýylyň dowamynda azyndan 8 sagat emeli aň boýunça sapaklar berler. «Bu karar Hytaýyň ösen tehnologiýalar ulgamyndaky öňdeligini gorap saklamak maksady bilen kabul edildi» diýip, Pekiniň şäher bilim komissiýasy habar berdi.



► **Ilaty 37,5 milliona ýetdi.** Şu ýylyň 1-nji ýanwarynda Özbegistan Respublikasynyň ilaty 37,5 million adama ýetdi. Milli statistika komitetiniň maglumatlaryna görä, soňky 5 ýylda ýurduň ilaty 3,6 million adam artdy. Bu görkeziji 2020-nji ýylda 33,9 million adam bolupdy. Maglumatlara görä, soňky ýyllar ýurduň ilaty yzygiderli artýar.



► **Kosmosyň kartasyny döreder.** Kaliforniýada «SpaceX» kompaniýasy tarapyndan «SPHEREx» teleskopy berkidilen «Falcon 9» raketa göterijisi uçuryldy. Obserwatoriýanyň älemiň döreýşiniň has irki tapgyrlary barada maglumat toplamagyna garaşylýar. Taslamanyň bahasy 488 million dollara barabar. Teleskop 2,5 ýyl işläp, kosmosyň kartasyny döreder.



► **Emeli ýürek bilen 100 gün.** Ýüregagyrydan ejir çekýän 40 ýaşly awstraliýaly emeli ýürek bilen 100 günden gowrak ýaşap bilen dünýäde ilkinji adam boldy. Operasiýa geçen ýylyň noýabrynda Sidneýde geçirildi. Ol Awstraliýada emeli ýürek oturdylan ilkinji we dünýäde altynjy hassa boldy. Öň şeýle operasiýalar diňe ABŞ-da geçirilýärdi.



► **Mämişi reňkli baýguş.** ABŞ-nyň Miçigan ştatyndaky Guron kölünde agymtyl mämişi reňkli täsin baýguş peýda boldy. Baýguşyň reňki alymlaryň ünsüni özüne çekdi. «Olar bu reňkiň emele gelşini aýdyňlaşdyrmak maksady bilen dürli çaklamalary öňe sürseler-de, belli bir karara gelip bilmediler» diýip, «The New York Times» neşiri habar berdi.



► **Mamontlar gaýdyp geler.** ABŞ-da 2028-nji ýyla çenli ýüňli mamontlary dikeltmekçi bolýarlar. Munuň üçin mamontlaryň buzluklarda saklanyp galan DNK-sy ulanylar. Mamontlaryň çagalaryny hindi pilleri dograr. Bu barada «Colossal Biosciences» biotehnologik we gen inženeriýasy kompaniýasynyň baş ylmy işgäri Bet Şapiro habar berdi.



► **Jon Lennonyň hormatyna şaýylyk.** 17-nji martda Beýik Britaniýanyň Korollyk zikgehanasy meşhur «The Beatles» toparynyň gitaraçysy Jon Lennonyň keşbi goýlan ýadygärlik şaýylyk çykardy. Şaýylygyň bahasy 18,5 funt sterlingden başlanýar. Jon Lennon 1980-nji ýylyň 8-nji dekabrynda Nýu-Ýorkda pajygaly ýagdaýda aradan çykdy.



► **10 müň dronly şüweleň.** Ýakyn wagtda Abu-Dabide dünýäde iň uly dron şüweleňi geçiriler. Asmana bir wagtda 10 müň dron göterilip, sinhronly yşyk kompozisiýasyny emele getirerler. Şüweleň Abu-Dabiniň Medeniýet we syýahatçylyk departamenti bilen ABŞ-nyň «Nova Sky Stories» kompaniýasynyň arasynda baglaşylan şertnamanyň çäklerinde geçiriler.



## TARYHDA ŞU GÜN



**1833-nji ýylyň 20-nji martynda Sankt-Peterburgda Aleksandr Puşkiniň şygyr bilen ýazylan «Ýewgeniý Onegin» romanynyň ilkinji doly neşiri çap bolup çykýar. Puşkin öz döredijiliginiň naýbaşy eseriniň üstünde 7 ýyldan gowrak wagt işläpdir. Wissarion Belinskiý bu esere «rus durmuşynyň ensiklopediýasy» diýip baha berýär.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# DÜNÝÄDE IŇ KÖP SYÝAHAT EDILÝÄN BINALAR

**Adamlaryň köpüsi syýahat etmegi, owadan ýerlerde dynç almagy gowy görýär. Käbiri bolsa, syýahat edýän ýeriniň taryhy we milli gymmatlyklary bilen ýakyndan tanyşmagy halaýar. Syýahatçylyk pudagynyň hünärmenleri dünýäde iň köp syýahat edilýän binalar barada maglumat bermek bilen, her ýyl 1,5 milliard adamyň daşary ýurda syýahat edýändigini belleýärler. Iň köp syýahat edilýän binalaryň sanawynda piramidalardan başlap, ybadathanalardyr teatrlara çenli birnäçe owadan ýerler bar.**



**Täçmahal, Hindistan.** Dünýäniň meşhur binalarynyň biri bolan Täçmahal aramgähi 631-nji ýylda Mumtaz Mahal üçin gurulýar. Beýikligi 58 metr, ini 56 metr bolan bu binany Şah Jahan söýgüsiniň nyşany hökmünde gurdurýar. Dünýäniň iň owadan binalarynyň biri hasaplanýan Täçmahal aramgähi bezeg aýratynlyklary, haýran galdyryjy ak mermer sütünleri we Ýamuna derýasynyň kenaryndaky «Aýýagty baglary» (Mehtab) bilen syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. 4 sany uly gümmezi we 22 sany kiçiräk gümmezi bolan bu bina 22 ýylda gurlupdyr. Hindistanyň demirgazygyndaky Agra şäherinde ýerleşýän Täçmahal aramgähine her ýyl 7-8 million syýahatçy barýar. Täçmahal ýadygärlikler toplumy ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen dünýäniň 7 täsinliginiň biridir.



**Notr-Dam ybadathanasy, Pariž.** Asyrlaryň dowamynda Notr-Dam binasy dürli maksatlar üçin ulanylypdyr. 1790-njy ýyllarda azyk ammary bolan bu bina dini ybadatlaryň berjaý edilýän ýeri hasaplanýar. Parižiň meşhur nyşanlarynyň biri bolan Notr-Dam ybadathanasy her ýyl 20 million jahankeşdäni özüne çekýär. Esasan, wagyz işleri geçirilýän bu ýerde heýkelleri, barok medeniýetiniň yzlaryny görmek bolýar.



**Giza piramidalary, Müsür.** Müsüre barýan syýahatçylar Giza piramidalaryny ýakyndan synlamak üçin sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar. Gadymy müsürlileriň bu ýadygärligi täsin gurluşa eýe bolup, adamzat taryhynyň iň meşhur binalarynyň biri hasaplanýar. Piramidalar 1979-njy ýyldan bäri ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň bir bölegi bolup, 7 täsinligiň biridir. Bu piramidany gurmak üçin agramy 2,5 tonna barabar bolan, takmynan 2,3 million daş ulanylypdyr. Müsüriň iň uly üçünji şäherinde – Gizanyň gapdalynda ýerleşýän bu piramidalara her ýyl 14 million töweregi jahankeşde barýar.



**Alhambra, Granada.** Alhambra Gündogaryň binagärlik äheňinde gurlan iň owadan binalaryň biri hasaplanýar. Alhambra şäher galasy Ispaniýanyň Granada şäheriniň golaýynda ýerleşýär. 1984-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen bu galanyň uzynlygy 720 metre, ini 220 metre barabar bolup, dünýädäki iň uly galalaryň biri hasaplanýar. Halk arasynda «Gyzyl gala» diýlip atlandyrylýan bu galanyň daş-töweregini owadan baglar gurşap alýar. Ispaniýanyň iň köp syýahat edilýän ýeri bolan Alhambra her ýyl 3 million myhman barýar.



**Sidneý opera teatry, Awstraliýa.** 1973-nji ýylda gurluşygy tamamlanan bu bina göýä ýüzüp barýan ak ýelkenli gämini ýadyňa salýar. Sidneý opera teatry Aýers Rok depesi ýaly Awstraliýanyň iň meşhur ýerleriniň biri hasaplanýar. 1973-nji ýylda açylan bu opera teatry 2007-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilýär. Häzirki wagtda Sidneý opera teatrynda her ýyl 2500-e golaý spektakl we edebi eserler sahnalaşdyrylýar. Tomaşa meýdançasyna her ýyl 10 milliondan gowrak syýahatçy barýar.



**Kolizeý, Rim.** Bu bina gadymy döwürlerde gurlan iň uly amfiteatrdyr. 72-80-nji ýyllar aralygynda gurlan bu sport meýdançasynda Gladiator göreşleri, başa-baş söweşler geçirilipdir. 80 müň adama niýetlenen bu desga emeli kölüň üstünde gurlupdyr. Kolizeýde tunneller bilen birlikde, çylşyrymly ýerasty geçelgeler bar. Taryhy maglumatlara görä, bu amfiteatrda geçirilýän käbir oýunlar 100 günläp dowam edipdir. Rimiň iň uly binagärlik gurluşlarynyň biri bolan Kolizeý ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen ýerleriň biridir. Kolizeý ýadygärligine her ýyl 8 million syýahatçy barýar.



**Eýfel diňi, Pariž.** Fransiýanyň paýtagtynyň nyşany hasaplanýan Eýfel diňi 1889-njy ýylda bu şäherde geçirilen Bütindünýä sergi mynasybetli gurulýar. Beýikligi 300 metrden geçýän polat gurluşlardan düzülen bina esasy üç bölekden ybaratdyr. Dünýäniň iň köp syýahatçy kabul edýän binalarynyň arasynda hemişe öňdeligi saklaýan Eýfeliň ýokarsyndan şäheri synlamak isleýän myhmanlar birnäçe sagat nobata durmaly bolýarlar. Onuň depesine liftli hem-de basgançakdan çykyp bolýar. Eýfel diňine her ýyl 7 million syýahatçy barýar.




# IŇ ULY BOTANIKA BAGY



Londonyň Baýmond şäherinde, Temza derýasynyň günorta-günbatar kenarynda ululygy we ösümlik dünýäsiniň köpdürlüligi bilen tapawutlanýan Kew botanika bagy ýerleşýär. «Korol baglary» ady bilen meşhurlyk gazanan botanika bagy 1759-njy ýylda döredilýär. 121 gektar meýdany tutýan «Korol baglary» Kew köşgüni, Şazenany Şarlotyň kottejini, «Syon Park House» binasyny, palma öýüni, Wiktorian aýna jaýyny, Temperat öýüni, bezegli kölleri we howuzlary, gerbariý hem-de ösümlik kolleksiýasyny öz içine alýar. Kew baglary 2003-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilýär. Jemi 44 binasy bolan botanika bagy dünýäniň iň uly we ösümlikleriň dürli görnüşleriniň ösdürilýän ýeri hasaplanýar. Kew botanika bagynda 28 müň 680 töweregi ösümlik, 7 million töweregi gerbariý we arhiwlenen maglumatlar saklanýar. Mundan başga-da, botanika ylmyna degişli 130 müň jiltden ybarat kitaplar hem-de döwürleýin neşirlerdir çyzgylar bar.

Botanika bagynda sukkulentler ýaly seýrek ösdürilýän güller bilen bir hatarda, tropik howaly ýerlerde ösýän orhideýa gülleriniň, Okeaniýada duş gelýän ösümlikleriň hem birnäçe görnüşi idedilýär. Şeýle hem dünýäniň sowuk sebitlerinde ösýän ösümlikleriň 10 müň görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Bu ýerde ösümlikleriň 75 müň töweregi görnüşine degişli 2,25 milliard tonna tohum saklanýar.

Londonyň esasy syýahatçylyk merkezleriniň biri bolan Korol baglarynda gezelençleri guramak bilen bir hatarda toý dabaralary, şol sanda her ýylda 200-e çenli baýramçylyk çäreleri hem geçirilýär. Bu ýere gelýän syýahatçylar we myhmanlar baýramçylyk dabaralaryna gatnaşyp wagtyny gyzykly we şadyýan geçirip bilýärler. Dabaralar, esasan, Kembrij kottejinde, Neş konserwatoriýasynda hem-de açyk bagda geçirilip, bu ýerde surat sergileri hem guralýar. Gyzykly başdangeçirmeleri bilen ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýan Kew botanika bagyna her ýyl 4,5 million syýahatçy barýar.

# IR ÝETIŞÝÄN MIWE



Türkmen tebigatyny ýene-de ýaz pasly gurşap aldy. Bu paslyň gelmegi bilen owlak-guzularyň sesi, gül-gülälekli ýaşyl ýaýlalar, agaçly we otly meýdanlar tebigata täzeçe öwüşgin çaýýar. Türkmen topragynda ilkinji ýetişýän miwe tudana hasaplanýar. Irki döwürlerden bäri ösdürilip ýetişdirilýän bu agajyň peýdasy sanardan köpdür. Türkmeniň milli agajyna öwrülen tuduň ata Watany Günorta Aziýa hasaplanýar. 4-5 metrden 18 metre çenli aralykda ösýän bu agajyň, esasan, ak (morus alba), gara (morus nigra) we gyzyl (morus rubra) reňkli miwe berýän üç görnüşi has köp ýaýrandyr. Şäherlerde bezeg agajy hökmünde tuduň miwe bermeýän uly ýaprakly görnüşi hem ekilýär. Tuduň ýapragy pile gurçugyny idetmekde, agajy türkmen milli saz gurallaryny hem-de aşhana gurallaryny ýasamakda peýdalanylýar. Alymlaryň bellemegine görä, tut aňsat kesellemeýän we gurçuklamaýan iň sagdyn agaçlaryň biri bolup, ortaça 100 ýyla çenli ýaşaýar. Gabygy süýtli bu agaç az ideg talap edýär. Injirler maşgalasyna degişli bolan tut agajy diňe bir Aziýada ýaýraman, eýsem, dünýäniň beýleki sebitlerinde hem ösdürilip ýetişdirilýär.

Tuduň miwesine tudana diýilýär. Adam saglygy üçin örän peýdaly bolan bu miwäniň düzüminde şeker, uglewod, ýag, protein, A, B, C, E, K witaminleri, kalsiý, demir, magneziýa, fosfor, kalsiý, natriý, simap ýaly mineraldyr maddalar saklanýar. Tuduň 3-5 santimetr uzynlykdaky maýdajyk däneli miwesiniň süýji tagamy we özüne mahsus hoştap ysy bolýar. Tudana, esasan, terligine iýilýär. Käte bu miwe käbir tagamdyr süýjülikler taýýarlanylanda hem goşulýar. Şeýle hem ondan toşap gaýnadylýar. Uzak wagtlap saklamak üçin bolsa guradylan görnüşde ýygnalyp goýulýar. Guradylan tudana içegäni arassalaýar we ganazlyga garşy peýdaly serişde bolup hyzmat edýär. Derman senagatynda tuduň ýapragy, miwesi, gabygy we köki dermandyr derini timarlaýjy serişdeleri taýýarlamakda ulanylýar. Senagat önümçiliginde we senetçilikde tuduň çeýe nert çybyklaryndan çelekdir sebetler, sowgatlyk önümleri hem ýasalýar.

**Döwlet MEREDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*



10-njy SKANWORD

**Atajan BABAMYRADOW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



11-nji SKANWORD

**Ýaran GURBANOW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*




**3 Harply:** Iki, köz, içi, şan, ýap, hem, mes, rok; **4 harply:** Emre, ilik, asyr, atda, ilat, owuz; **5 Harply:** Ykbal, otaga, ellik, isleg, buýra, ördek, sürme, aşpez, aýlaw, Aýlar, içýan, ralli, yrada, üzmek, sumah, işlik, araba, owmaç; **6 Harply:** Mehiko, ştanga, uşarat, ysyrga; **7 Harply:** ~~Mynasyp~~, hoşamaý.

SÖZ GOÝMAK

**Mamajan HALMÄMMEDOWA,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# 3-nji tapgyr: 3 duşuşykda 4 gol

**Türkmenistanyň futbol çempionatynda täze möwsümiň 3-nji tapgyrynyň çäginde 3 duşuşyk geçirilip, derwezelere 4 gol girizildi. Duşuşyklaryň 2-sinde hasap açylmady.**

Tapgyryň ýeke-täk gol geçirilen duşuşygynda «Ahal» öz meýdançasynda «Köpetdagy» 4–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşygyň her ýarymynda 2 gol geçirilip, olary 23-nji minutda Daýanç Meredow, 35-nji minutda Gurban Annaýew, 76-njy minutda Süleýman Kadyrow (öz derwezesine) hem-de 90+3-nji minutda Ýakupmuhammet Gowşudow derweze girizdi.

«Nebitçi» bilen «Şagadamyň» arasyndaky Balkan welaýaty derbisinde hem-de «Aşgabat» bilen «Merwiň» arasyndaky oýunda hasap açylmady. «Nebitçi» – «Şagadam» duşuşygynda her topardan 4 futbolçy sary kart aldy.

3-nji tapgyryň 4-nji duşuşygy – «Altyn Asyr» bilen «Arkadag» toparlarynyň arasyndaky oýnuň wagty soňa süýşürildi.

3-nji tapgyrdan soň «Şagadam» 7 utuk bilen sanawyň başyny çekip gelýär. 2 oýun geçiren «Ahal» 6 utuk bilen 2-nji ýerde barýar.

4-nji tapgyryň duşuşyklary milli ýygyndylaryň oýunlary sebäpli berlen arakesmeden soň, ýagny 29-30-njy martda geçiriler.

# 13 ýyldan soň ilkinji ýeňiş



Formula 1 boýunça täze möwsüme badalga berlip, 76-njy möwsümiň ilkinji ýaryşy Awstraliýa «Gran Prisinde» «McLaren» toparynyň britan piloty Lando Norris ýeňiş gazandy. Melburn şäherindäki Albert Park trassasynda geçirilen 57 aýlawlyk ýaryş dürli wakalara baý boldy. Bäsleşigiň dowamynda kiçeňräk çaknyşyklar bolup, käbir sürüjiler ýaryşy ýagmagy-da ýaryşyň dartgynlylygyny artdyrdy. Netijede, ilkinji hatardan bat alan Lando Norris ýaryşy 1 sagat 42 minut 06,304 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň karýerasyndaky 5-nji birinjiligi bolup, «McLaren» topary 13 ýyldan soň ilkinji gezek F1 ýaryşynda ýeňiş gazandy.

Norrisden sähelçe, 0,895 sekunt yza galan soňky 4 ýylyň çempiony, «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen 2-nji ýeri eýeledi. «Mercedes» toparynyň sürüjileri – britaniýaly Jorj Rassell 3-nji, ilkinji gezek ýaryşa gatnaşýan italiýaly Andrea Kimi Antonelli 4-nji orna mynasyp boldy. «Ferrari» toparynyň sürüjileri täze möwsümiň ilkinji tapgyrynda pes netije görkezdiler. Monakoly Şarl Lekler 8-nji ýeri eýelese, britaniýaly rowaýaty sürüji Lýuwis Hamilton täze toparyndaky ilkinji ýaryşyny 10-njy orunda tamamlady.

F1-de möwsümiň 2-nji ýaryşy 23-nji martda Hytaýyň Şanhaý şäherinde geçiriler.

# Ussatlaryň ýaryşynyň ýaş çempionlary

**ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynda geçirilen «Indian Wells» tennis ýaryşynda zenanlardan russiýaly Mirra Andreýewa, erkekleriň arasynda britaniýaly Jek Dreper ýeňiji boldy.**





51-nji gezek geçirilen «Masters» (Ussatlar) ýaryşynda zenanlaryň arasyndaky finalda bolsa russiýaly Mirra Andreýewa bilen sanawyň 1-nji belgilisi, belarusly Aryna Sabalenka duşuşdy. Çekeleşikli geçen duşuşygyň 1-nji setinde Sabalenka 6:2 öňe geçse-de, 2–3-nji setlerde Andreýewa 6:4 we 6:3 hasaplar bilen ýeňşini baýram etdi. 17 ýaşyndaky Andreýewa hem edil Dreper ýaly karýerasyndaky 3-nji WTA çempionlygyny gazandy. Ol 2-nji «Masters» çempionlygyny gazanyp, fewral aýynda Dubaýda-da çempion bolupdy.

Erkekleriň arasyndaky finalda britaniýaly Jek Dreper bilen daniýaly Holger Rune duşuşdy. Duşuşykda 23 ýaşyndaky Dreper garşydaşyny 2 setde-de 6:2-lik hasaplar bilen ýeňip, karýerasyndaky 3-nji ATP çempionlygyny gazandy.

# Ýene-de ulusy 1-nji, kiçisi 2-nji orny eýeledi



Moto GP boýunça möwsümiň 2-nji ýaryşy Argentinanyň Termas de Rio Hondo şäherinde geçirilip, edil 1-nji bäsleşikdäki ýaly doganlar Markesler 1-2-nji orunlary eýelediler. 25 aýlawdan ybarat ýaryşda «Ducati Lenovo» toparynyň ispan sürüjisi Mark Markes ýeňiji bolup, ol ýaryşy 41 minut 11,1 sekuntda tamamlady. Bu onuň möwsümdäki 2-nji, karýerasy boýunça-da 64-nji ýeňşidir. Ýaryşda «Gresini Racing» toparynyň sürüjisi Aleks Markes agasy Mark Markesden 1,362 sekunt soň pellehanadan geçip, 2-nji orny eýeledi. «Pertamina Enduro VR46 Racing» toparynyň italýan sürüjisi Franko Morbidelli 3-nji orna mynasyp boldy.

Geçirilen 2-nji ýaryşdan soň Mark Markes 74 utuk bilen 1-nji, inisi Aleks 58 utuk toplap 2-nji orunda barýar. Argentinadaky ýaryşda 4-nji orny eýelän 2022-nji we 2023-nji ýyllaryň çempiony Franşesko Banaia 43 utuk bilen 3-nji basgançakda ýaryşy dowam edýär.

Möwsümiň 3-nji bäsleşigi 30-njy martda ABŞ-nyň Ostin şäherinde geçiriler.

# «INTER» ARANY AÇÝAR



Italiýanyň çempionatynda sanawyň liderleri «Inter» çempionlyk ugrundaky garşydaşlarynyň biri bolan «Atalantany» myhmançylykda Augusto hem-de Lautara Martinesiň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşygyň ahyrlarynda «Atalantadan» Emerson (81), «Interden» Bastoni (90+2) 2-nji sary kartdan soň, gyzyl kart aldy. «Napoliniň» hem myhmançylykda «Wenesiýa» bilen golsuz deňliginden soň «Inter» topary realpylyklardan 3, bergamolylardan 6 utuk öňe saýlandy. Geçen tapgyrda öz meýdançasynda «Atalantadan» jogapsyz 4 gol geçiren «Ýuwentus» bu gezek myhmançylykda «Fiorentinadan» 3–0 hasabynda asgyn geldi. Soňky 2 oýunda 7 gol geçiren «Ýuwentusyň» derwezesinden gollary Gosens, Mandragora hem-de Gudmundsson girizdi. Tapgyryň iň geň galdyryjy netijesi «Bolonýanyň» öz meýdançasynda «Lasiony» 5-0 hasabynda derbi-dagyn etmegi boldy. Gollary Odgor, Orsolini, Ndoý, Kastro hem-de Fabbian dagy geçirdi. «Roma» öz meýdançasynda «Kaliarini» Dowbygyň ýeke-täk goly bilen ýeňip, bassyr 7-nji ýeňşini gazandy. Şu ýyla geçip, ýeňlip görmedik «Romanyň» çempionatda 10 oýundan bäri ýeňlişsiz seriýasy dowam edýär (10 ýeňiş, 3 deňlik). Öz meýdançasynda «Komo» bilen duşuşan «Milan» garşydaşynyň öňe geçendigine garamazdan, Pulişiç we Reýndersiň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy.

# «Barselonanyň» ajaýyp kembegi



Ispaniýanyň çempionatynda tapgyryň iň esasy duşuşygynda, çempionlyga täsirini ýetirip biljek oýunda «Atletiko» bilen «Barselona» duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Atletiko Madrid» Hulian Alwaresiň 40-njy hem-de Sörlotyň 70-nji minutdaky gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik «Barselona» ilki 72-nji minutda Lewandowskiniň goly bilen aratapawudy 1 gola düşürip, 78-nji minutda-da Ferran Torresiň goly esasynda hasaby deňledi. 90-njy minutdan soň bolsa, has takygy, 90+2-nji minutda Lamin Ýamalyň eden goly bilen katalonlar öňe saýlandy. Ferran Torres 90+8-nji minutda ýene bir gezek tapawutlanyp, oýna soňky nokady goýdy we «Barselona» 4–2 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Bu duşuşykdan soň «Atletiko» çempionlyk ýaryşynda esasy bäsdeşlerinden 4 utuk yzda galdy. Soňky çempion «Real Madrid» myhmançylykda «Wilýarreal» bilen duşuşyp, oýunda ýer eýeleri Foýtuň 7-nji minutdaky goly bilen öňe saýlandy. Ýöne «Realyň» jogaby gijikmedi. Kilian Mbappe 17-nji we 23-nji minutlarda tapawutlanyp, toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Myhmançylykda «Leganes» bilen duşuşan «Betis» Rabanyň 29-njy we 44-nji minutlardaky gollary esasynda garşydaşynyň öňe saýlanandygyna garamazdan, 3–2 hasabynda ýeňiş gazandy. «Betisiň» gollaryny Isko, Bakambu hem-de Kuço Hernandes geçirdi. 4-nji ýerdäki «Atletik Bilbao» myhmançylykda «Sewilýany» Ýeraýyň 84-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Malýorka» Murikiniň 11 metrlik jerime urgularyndan salan gollary esasynda «Espanýoly» 2–1 hasabynda ýeňdi. Ol ýene bir 11 metrlik jerime urgusyny hem dürs urup bilmedi.

## 7,5 ýyldan soň ilkinji gezek



Russiýanyň çempionatynda tapgyryň merkezi oýnunda Moskwanyň «Spartagy» öz meýdançasynda «Zeniti» 2–1 hasabynda ýeňdi. Moskwalylaryň gollaryny her ýarymyň ahyrynda, ýagny 45+2-nji hem-de 90-njy minutlarda Kristofer Martins geçirdi. «Zenit» toparynyň ýeke-täk goluny bolsa, 83-nji minutda Luis Enrike öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, utugyny 43-e çykaryp, «Zenit» bilen deňleşen «Spartak» 2-nji orna beýgeldi. «Spartak» 7,5 ýyldan soň ilkinji gezek «Zeniti» ýeňmegi başardy. Çempionatda «Krasnodar» 46 utuk bilen sanawyň başyny çekip gelýär.

Şotlandiýanyň çempionatynda-da «Old Firm» derbisi oýnalyp, Glazgo şäheriniň 2 wekiliniň duşuşygynda «Reýnjers» myhmançylykda «Seltigi» Raskiniň (4), Diomandeniň (37) hem-de Igamaneniň (88) gollary bilen 3–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýeleriniň ýaponiýaly futbolçylary Maedanyň (49) hem-de Hatateniň (74) gollary «Seltige» ýeňiş üçin ýeterlik bolmady. Çempionatyň «Seltik» 75 utuk toplap, 2-nji ýerdäki «Reýnjersden» 13 utuk öňde nobatdaky çempionlygyna barýar.



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*20-nji mart (penşenbe)*
Özbegistan – Gyrgyzystan (21:00)
Eýran – BAE (21:00)
Türkiýe – Wengriýa (22:00)
**Niderlandlar – Ispaniýa (00:45)**
**Horwatiýa – Fransiýa (00:45)**
**Daniýa – Portugaliýa (00:45)**
**Italiýa – Germaniýa (00:45)**
Ukraina – Belgiýa (00:45)

*21-nji mart (anna)*
**Braziliýa – Kolumbiýa (05:45)**

*22-nji mart (şenbe)*
**Urugwaý – Argentina (04:30)**

*23-nji mart (ýekşenbe)*
**Ispaniýa – Niderlandlar (00:45)**
**Fransiýa – Horwatiýa (00:45)**
**Portugaliýa – Daniýa (00:45)**
**Germaniýa – Italiýa (00:45)**
Wengriýa – Türkiýe (00:45)
Belgiýa – Ukraina (00:45)

*25-nji mart (sişenbe)*
**Ýaponiýa – Saud Arabystany (15:35)**
**Eýran – Özbegistan (21:00)**

*26-njy mart (çarşenbe)*
**Argentina – Braziliýa (05:00)**



# 70 ýyl garaşdyran kubok

**Angliýanyň Liga Kubogy (Carabao Cup) ýaryşynyň finalynda «Nýukasl» bilen «Liwerpul» duşuşdy. Londondaky «Wembley» stadionynda geçirilen duşuşykda «Nýukasl» 2–1 hasabynda üstün çykmagy başardy. 88 513 janköýeriň tomaşa eden duşuşygynda «Nýukaslyň» gollaryny 45-nji minutda Dan Börn hem-de 52-nji minutda Aleksander Isak geçirdi. «Nýukaslyň» erjel oýnuna garşylyk görkezip bilmedik «Liwerpulyň» ýeke-täk goluny 90+4-nji minutda Federiko Kieza geçirdi. Şunlukda, ähli ýaryşlarda «Liwerpuly» 20 ýyldan soň (17 duşuşykdan soň) ilkinji gezek ýeňen «Nýukasl» topary taryhynda ilkinji sapar Liga Kubogyna mynasyp boldy. Şol bir wagtyň özünde «Nýukasl» topary 70 ýyldan soň ilkinji gezek uly ýaryşlarda kubok gazanmagy başardy. Olar soňky gezek 1955-nji ýylda FA Kubogyny eýeläpdi. «Nýukasl» topary mundan öň Liga Kubogy ýaryşynda 2 gezek finalda utulypdy. 1975/76 möwsüminde «Mançester Sitiden» asgyn gelen «Nýukasl» 2022/23 möwsüminde-de «Mançester Ýunaýtedden» ýeňlipdi. «Nýukasl» topary bu kubogy gazanan 24-nji klub hökmünde hasaba alyndy. Toparyň tälimçisi Eddi How Angliýada Harri Rednappdan soň kubok gazanan ilkinji iňlis tälimçisi boldy. Rednapp 2008-nji ýylda «Tottenham» bilen bu kubogy gazanypdy. Bu kubogy geçen ýyl 10-njy gezek alan (bu ugurda rekordyň eýesi) «Liwerpul» topary 5-nji sapar finalda ýeňlişe sezewar boldy.**

## PREMIER LEAGUE (29) – 24 gol

**Ewerton—West Ham: 1–1** (O'Braýen 90+1 — Souçek 67), **Ipswiç—N. Forest: 2–4** (Kaýuste 82, Hörst 90+3 — Milenkowiç 35, Elanga 37, 41, Žota Silwa 87), **Man. Siti—Braýton: 2–2** (Holann 11 p, Marmuş 39 — Estupinýan 21, Husanow 48 ö.d.), **Southempton—Wulwerhempton: 1–2** (Onuaçu 75 — Strand Larsen 19, 47), **Bornmut—Brentford: 1–2** (Ýanelt 17 ö.d. — Wissa 30, Nergor 71), **Arsenal—Çelsi: 1–0** (Merino 20), **Fulham—Tottenham: 2–0** (Muniz 78, Sessenýon 88), **Lester—Man. Ýunaýted: 0–3** (Hoýlunn 28, Garnaço 67, Bruno Fernandeş 90), **Nýukasl—K. Palas** (soňa goýuldy)

## LA LIGA (28) – 32 gol

**Las Palmas—Alawes: 2–2** (Fabio Silwa 90 p, Moleýro 90+5 — Martines 7, Guridi 63), **Walýadolid—Selta: 0–1** (Alonso 83 p), **Malýorka—Espanýol: 2–1** (Muriki 53 p, 90+7 p — Asano 65), **Wilýarreal—Real Madrid: 1–2** (Foýt 7 — Mbappe 17, 23), **Žirona—Walensiýa: 1–1** (Stuani 64 — Diego Lopes 58), **Leganes—Betis: 2–3** (Raba 29, 44 — Isko 64 p, Bakambu 78, Kuço 82), **Sewilýa—Atletik: 0–1** (Ýeraý 84), **R. Wallekano—R. Sosiedad: 2–2** (Treho 58, Dias 72 — Subimendi 20, Marieskurrena 80), **Osasuna—Hetafe: 1–2** (Budimir 45 p — Terrats 55, 71), **Atletiko—Barselona: 2–4** (Alwares 45, Sörlot 70 — Lewandowski 72, Torres 78, 90+8, Ýamal 90+2)

## SERIE A (29) – 21 gol

**Jenoa—Leçҫe: 2–1** (Miretti 16, 45+2 — Krstowiç 68 p), **Monza—Parma: 1–1** (Izzo 60 — Bonni 84), **Udineze—Werona: 0–1** (Duda 72), **Milan—Komo: 2–1** (Pulişiç 53, Reýnders 75 — Da Kunýa 33), **Torino—Empoli: 1–0** (Wlaşiç 70), **Wenesiýa—Napoli: 0–0, Bolonýa—Lasio: 5–0** (Odgor 16, Orsolini 48, Ndoý 49, Kastro 74, Fabbian 84), **Roma—Kaliari: 1–0** (Dowbyk 62), **Fiorentina—Ýuwentus: 3–0** (Gosens 15, Mandragora 18, Gudmundsson 53), **Atalanta—Inter: 0–2** (Augusto 54, Martines 87)

## BUNDESLIGA (26) – 31 gol

**Sankt-Pauli—Hoffenhaým: 1–0** (Waýshaupt 51), **Maýns—Fraýburg: 2–2** (Burkardt 34, Hançe-Olsen 74 — Gregoriç 58, Hübler 79), **Union Berlin—Bawariýa: 1–1** (Hollerbah 84 — Sane 75), **Werder—Borussiýa M: 2–4** (Şmid 39, Andre Silwa 45+1 p — Plea 7 p, 28, 47, Klýaýndinst 81), **Augsburg—Wolfsburg: 1–0** (Tits 53), **Leipsig—Borussiýa D: 2–0** (Simons 18, Openda 48), **Bohum—Aýntraht: 1–3** (Holtmann 73 — Kristensen 27, Baoýýa 32, Batşuaýi 90+6), **Haýdenhaým—Holştaýn: 3–1** (Piringer 33, Ziwziwadze 47, Konteh 90+3 — Harres 87), **Ştutgart—Baýer: 3–4** (Demirowiç 15, Woltemade 48, Džaka 62 ö.d. — Frimpong 56, Inkapie 68, Ştiller 88 ö.d., Şik 90+4)

## LIGUE 1 (26) – 19 gol

**Nissa—Oser: 1–1** (Gessand 37 – Aýe 90+4), **Nant—Lill: 1–0** (Mohamed 83), **Anže—Monako: 0–2** (Biret 77, Akliuş 87 p), **Lans—Renn: 1–0** (Said 47), **Lion—Le Hawr: 4–2** (Lakazett 22 p, Fofana 78, Mikautadze 82, Almada 90+7 — Ture 31 p, Kazimir 45+1), **Brest—Reýms: 0–0, Strasbur—Tuluza: 2–1** (Lemarşal 47, Santos 54 — Magri 3), **PSŽ—Marsel: 3–1** (Dembele 17, Mendeş 42, Lirola 76 ö.d. — Guiri 51), **Monpelie—Sent-Etien** (soňa goýuldy)

### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 29 | 21 | 7 | 1 | 69-27 | 70 |
| 2 | ARSENAL | 29 | 16 | 10 | 3 | 53-24 | 58 |
| 3 | N. FOREST | 29 | 16 | 6 | 7 | 49-35 | 54 |
| 4 | ÇELSI | 29 | 14 | 7 | 8 | 53-37 | 49 |
| 5 | MAN. SITI | 29 | 14 | 6 | 9 | 55-40 | 48 |
| 6 | NÝUKASL | 28 | 14 | 5 | 9 | 47-38 | 47 |
| 7 | BRAÝTON | 29 | 12 | 11 | 6 | 48-42 | 47 |
| 8 | FULHAM | 29 | 12 | 9 | 8 | 43-38 | 45 |
| 9 | ASTON WILLA | 29 | 12 | 9 | 8 | 41-45 | 45 |
| 10 | BORNMUT | 29 | 12 | 8 | 9 | 48-36 | 44 |
| 11 | BRENTFORD | 29 | 12 | 5 | 12 | 50-45 | 41 |
| 12 | KRISTAL PALAS | 28 | 10 | 9 | 9 | 36-33 | 39 |
| 13 | M. ÝUNAÝTED | 29 | 10 | 7 | 12 | 37-40 | 37 |
| 14 | TOTTENHAM | 29 | 10 | 4 | 15 | 55-43 | 34 |
| 15 | EWERTON | 29 | 7 | 13 | 9 | 32-36 | 34 |
| 16 | WEST HAM | 29 | 9 | 7 | 13 | 33-49 | 34 |
| 17 | W. HEMPTON | 29 | 7 | 5 | 17 | 40-58 | 26 |
| 18 | IPSWIÇ TAWN | 29 | 3 | 8 | 18 | 28-62 | 17 |
| 19 | LESTER SITI | 29 | 4 | 5 | 20 | 25-65 | 17 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 29 | 2 | 3 | 24 | 21-70 | 9 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 27 |
| 2 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 21 |
| 3 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 19 |
| 4 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 18 |
| 5 | Brian MBEMO (Brentford) | 15 |

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 27 | 19 | 3 | 5 | 75-27 | 60 |
| 2 | REAL MADRID | 28 | 18 | 6 | 4 | 59-27 | 60 |
| 3 | ATLETIKO M | 28 | 16 | 8 | 4 | 46-22 | 56 |
| 4 | ATLETIK B | 28 | 14 | 10 | 4 | 46-24 | 52 |
| 5 | BETIS | 28 | 12 | 8 | 8 | 38-35 | 44 |
| 6 | WILÝARREAL | 27 | 12 | 8 | 7 | 49-38 | 44 |
| 7 | MALÝORKA | 28 | 11 | 7 | 10 | 28-34 | 40 |
| 8 | SELTA | 28 | 11 | 6 | 11 | 41-41 | 39 |
| 9 | R. WALLEKANO | 28 | 9 | 10 | 9 | 31-31 | 37 |
| 10 | SEWILÝA | 28 | 9 | 9 | 10 | 32-37 | 36 |
| 11 | HETAFE | 28 | 9 | 9 | 10 | 25-23 | 36 |
| 12 | R. SOSIEDAD | 28 | 10 | 5 | 13 | 25-30 | 35 |
| 13 | ŽIRONA | 28 | 9 | 7 | 12 | 36-41 | 34 |
| 14 | OSASUNA | 27 | 7 | 12 | 8 | 33-39 | 33 |
| 15 | ESPANÝOL | 27 | 7 | 7 | 13 | 26-39 | 28 |
| 16 | WALENSIÝA | 28 | 6 | 10 | 12 | 31-46 | 28 |
| 17 | ALAWES | 28 | 6 | 9 | 13 | 32-42 | 27 |
| 18 | LEGANES | 28 | 6 | 9 | 13 | 26-43 | 27 |
| 19 | LAS PALMAS | 28 | 6 | 7 | 15 | 32-47 | 25 |
| 20 | WALÝADOLID | 28 | 4 | 4 | 20 | 18-63 | 16 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 22 |
| 2 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 20 |
| 3 | Ante BUDIMIR (Osasuna) | 15 |
| 4 | RAFINÝA (Barselona) | 13 |
| 5 | Oýan SANSET (Atletik) | 13 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 29 | 19 | 7 | 3 | 65-27 | 64 |
| 2 | NAPOLI | 29 | 18 | 7 | 4 | 45-23 | 61 |
| 3 | ATALANTA | 29 | 17 | 7 | 5 | 63-28 | 58 |
| 4 | BOLONÝA | 29 | 14 | 11 | 4 | 49-34 | 53 |
| 5 | ÝUWENTUS | 29 | 13 | 13 | 3 | 45-28 | 52 |
| 6 | LASIO | 29 | 15 | 6 | 8 | 50-41 | 51 |
| 7 | ROMA | 29 | 14 | 7 | 8 | 44-30 | 49 |
| 8 | FIORENTINA | 29 | 14 | 6 | 9 | 46-30 | 48 |
| 9 | MILAN | 29 | 13 | 8 | 8 | 44-33 | 47 |
| 10 | UDINEZE | 29 | 11 | 7 | 11 | 35-39 | 40 |
| 11 | TORINO | 29 | 9 | 11 | 9 | 34-34 | 38 |
| 12 | JENOA | 29 | 8 | 11 | 10 | 28-37 | 35 |
| 13 | KOMO | 29 | 7 | 8 | 14 | 35-46 | 29 |
| 14 | WERONA | 29 | 9 | 2 | 18 | 29-58 | 29 |
| 15 | KALIARI | 29 | 6 | 8 | 15 | 28-44 | 26 |
| 16 | LEÇÇE | 29 | 6 | 7 | 16 | 21-48 | 25 |
| 17 | PARMA | 29 | 5 | 10 | 14 | 35-49 | 25 |
| 18 | EMPOLI | 29 | 4 | 10 | 15 | 23-46 | 22 |
| 19 | WENESIÝA | 29 | 3 | 11 | 15 | 23-42 | 20 |
| 20 | MONZA | 29 | 2 | 9 | 18 | 24-49 | 15 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 22 |
| 2 | Moýze KEN (Fiorentina) | 15 |
| 3 | Markus TURAM (Inter) | 13 |
| 4 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 13 |
| 5 | Lautara MARTINES (Inter) | 11 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 26 | 19 | 5 | 2 | 75-24 | 62 |
| 2 | BAÝER | 26 | 16 | 8 | 2 | 59-33 | 56 |
| 3 | MAÝNS | 26 | 13 | 6 | 7 | 44-28 | 45 |
| 4 | AÝNTRAHT | 26 | 13 | 6 | 7 | 54-40 | 45 |
| 5 | LEIPSIG | 26 | 11 | 9 | 6 | 41-33 | 42 |
| 6 | FRAÝBURG | 26 | 12 | 6 | 8 | 36-38 | 42 |
| 7 | BORUSSIÝA M | 26 | 12 | 4 | 10 | 43-40 | 40 |
| 8 | WOLFSBURG | 26 | 10 | 8 | 8 | 49-40 | 38 |
| 9 | AUGSBURG | 26 | 10 | 8 | 8 | 29-35 | 38 |
| 10 | ŞTUTGART | 26 | 10 | 7 | 9 | 47-43 | 37 |
| 11 | BORUSSIÝA D | 26 | 10 | 5 | 11 | 45-41 | 35 |
| 12 | WERDER | 26 | 9 | 6 | 11 | 40-53 | 33 |
| 13 | UNION BERLIN | 26 | 7 | 7 | 12 | 24-38 | 28 |
| 14 | HOFFENHAÝM | 26 | 6 | 8 | 12 | 32-48 | 26 |
| 15 | SANKT-PAULI | 26 | 7 | 4 | 15 | 20-30 | 25 |
| 16 | HOLŞTAÝN | 26 | 5 | 4 | 17 | 31-52 | 19 |
| 17 | BOHUM | 26 | 4 | 6 | 16 | 26-53 | 18 |
| 18 | HAÝDENHAÝM | 26 | 4 | 5 | 17 | 38-64 | 17 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 21 |
| 2 | Patrik ŞIK (Baýer) | 17 |
| 3 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 15 |
| 4 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 15 |
| 5 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 15 |

### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 26 | 21 | 5 | 0 | 73-25 | 68 |
| 2 | MARSEL | 26 | 15 | 4 | 7 | 53-33 | 49 |
| 3 | MONAKO | 26 | 14 | 5 | 7 | 51-32 | 47 |
| 4 | NISSA | 26 | 13 | 8 | 5 | 50-31 | 47 |
| 5 | LION | 26 | 13 | 6 | 7 | 50-33 | 45 |
| 6 | LILL | 26 | 12 | 8 | 6 | 40-28 | 44 |
| 7 | STRASBUR | 26 | 12 | 7 | 7 | 41-33 | 43 |
| 8 | LANS | 26 | 11 | 6 | 9 | 31-29 | 39 |
| 9 | BREST | 26 | 11 | 4 | 11 | 38-40 | 37 |
| 10 | TULUZA | 26 | 9 | 7 | 10 | 33-29 | 34 |
| 11 | OSER | 26 | 8 | 8 | 10 | 37-39 | 32 |
| 12 | RENN | 26 | 9 | 2 | 15 | 35-37 | 29 |
| 13 | NANT | 26 | 6 | 9 | 11 | 29-43 | 27 |
| 14 | ANŽE | 26 | 7 | 6 | 13 | 26-42 | 27 |
| 15 | REÝMS | 26 | 5 | 8 | 13 | 26-40 | 23 |
| 16 | LE HAWR | 26 | 6 | 3 | 17 | 26-55 | 21 |
| 17 | SENT-ETIEN | 25 | 5 | 5 | 15 | 25-57 | 20 |
| 18 | MONPELIE | 25 | 4 | 3 | 18 | 21-59 | 15 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Usman DEMBELE (PSŽ) | 21 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 15 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 14 |
| 4 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 13 |
| 5 | Emanuel EMEGHA (Strasbur) | 11 |

# PSŽ-niň çempionlygyna 6 utuk galdy

**Fransiýanyň çempionatynda** «Le Classique» derbisinde, sanawyň ýeňlişsiz lideri PSŽ öz meýdançasynda 2-nji ýerdäki «Marseli» kabul etdi. Ýer eýeleriniň doly artykmaçlygynda geçen oýunda parižliler Dembeleniň (17), Mendeşiň (42) hem-de Lirolanyň (76 ö.d.) gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Bu ýeňişden soň, çempionatyň tamamlanmagyna 8 tapgyr galanda, PSŽ bilen «Marseliň» arasyndaky utuk aratapawudy 19-a çykdy. Bu bolsa PSŽ ýene 2 oýunda ýeňiş gazansa, 28-nji tapgyrda, çempionlygyny yglan etjekdigini aňladýar.







### 7 OÝUNDAN BÄRI GOL HEM GEÇIRENOK

**Angliýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi duşuşygynda, London derbisinde «Arsenal» öz meýdançasynda «Çelsini» Mikel Merinonyň 20-nji minutda salan ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Başga bir London derbisinde «Fulham» 2–0 hasabynda «Tottenhamdan» öz meýdançasynda üstün çykdy. Soňky çempion «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Braýton» bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady. «Mançester Ýunaýted» bolsa «Lester Sitini» myhmançylykda 3–0 hasabynda utdy. «Ýunaýtediň» gollaryny 3 aý gowrak wagtdan soň tapawutlanan Hoýlunn, Garnaço hem-de Bruno Fernandeş geçirdi. «Lester Siti» öz meýdançasynda yzly-yzyna 7 oýunda gol geçirmezden utulan ilkinji topar boldy. Şeýle-de, olar APL-de 700 oýunda 1000 gol geçirden ilkinji topar hökmünde hasaba alyndy.

**Germaniýanyň çempionatynda** «Bawariýa» myhmançylykda «Union Berlini» ýeňmek başartmady. Leroý Saneniň goluna ýer eýelerinden Hollerbah jogap berdi. Tapgyryň iň ýatda galan duşuşygy Ştutgartda ýerli «Ştutgart» toparyň bilen çempion «Baýeriň» arasyndaky oýunda hasaba alyndy. Duşuşykda ýer eýeleri soňky ýarym sagadynda Demirowiçiň, Woltemadeniň hem-de Džakanyň awtogoly bilen 3–1 hasabynda öňde barýardy. Ýöne kembekleriň ussady bolan «Baýer» ýene bir ýola meýdançadan ýeňiş bilen dolanmagy başardy. Frimpong hem-de Inkapieniň gollary bilen aratapawut 1 gola düşüp, 88-nji minutda Ştilleriň öz derwezesinden geçiren goly esasynda hasap deňlendi. Lewerkuzenlileriň çehiýaly hüjümçisi Patrik Şik geçen ýyl birnäçe gezek görkezen başarnygyny bu sapar hem gaýtalap, 90+4-nji minutda toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Çempionatyň tamamlanmagyna 8 tapgyr galanda, «Bawariýa» bilen «Baýeriň» arasyndaky utuk aratapawudy bar. «Borussiýa M» topary-da Pleanyň het-trik eden duşuşygynda «Werderden» 4–2 hasabynda üstün çykdy. «Wolfsburgy» Titsiň ýeke-täk goly bilen ýeňen «Augsburg» taryhynda ilkinji gezek 10 oýundan bäri ýeňilmän gelýär.

# Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

## «Galkynyş» – göwünleriň ganaty

Şu günler ýurdumyzyň welaýatlarynda guralýan sirk şowhuny uly gyzyklanma eýe bolýar. Ildeşlerimiz dünýäniň iň abraýly festiwallarynyň ýokary baýraklaryna mynasyp bolan «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ýurdumyzyň iri döwlet sirkleri bilen bilelikde guraýan çykyşlaryna tomaşa etmek mümkinçiligine eýe bolýarlar.

Şu ýylyň ilkinji günlerinde Monako Knýazlygynda geçirilen sirk sungatynyň abraýly festiwalynda baş baýrak bilen bilelikde abraýly baýraklaryň birnäçesine mynasyp bolan topar ýurdumyzyň şan-şöhratyny barha beýgeldýär.

Monte-Karloda geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda gazanylan ajaýyp üstünlik hem ýyndam ahalteke bedewleriniň abraýyny has-da belende göterdi.

Türkmen sirk sungatynyň şöhrata beslenen ösüşinde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna uly orun degişlidir. Bu topar 2007-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredildi. Topar dünýäniň birnäçe ýurtlarynda çykyş edip, sirk sungaty boýunça birnäçe abraýly halkara baýraklara, ýagny, 2013-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherinde geçirilen IDOL bütindünýä sirk sungaty festiwalynda, 2014-nji ýylda Italiýanyň Latina şäherinde geçirilen XVI halkara sirk festiwalynda, 2015-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasynda guralan II halkara sirk sungaty festiwalynda, 2016-njy ýylda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpon-Ata şäherinde geçirilen Çarwadarlaryň II Bütindünýä oýunlarynda baş baýraklara, 2018-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Sankt-Peterburg



şäherinde bolan Fontankadaky I halkara sirk sungaty festiwalynda «Altyn Gaetano» altyn heýkeljigine, 2025-nji – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp boldy.

Şu günler ýurdumyzyň Lebap, Mary, Balkan we Daşoguz welaýatlarynyň ýaşaýjylary dünýäde uly meşhurlyk gazanan «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşlaryna uly gyzyklanma bilen garaşýarlar. Bu topar Türkmenistanyň Döwlet sirkiniň we Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň birleşen toparlary bilen bilelikde Lebap we Mary welaýatlarynda ýatdan çykmajak göçme çykyşlaryny guradylar, «Türkmeniň ak öýi» binasynda sirk baýramçylygyny geçirdiler.

Bu çykyşlar iki bölümden ybarat bolup, onuň birinji bölüminde Türkmenistanyň Döwlet sirkiniň we Arkadag şäheriniň Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň jongeýorlary, akrobatlary, wäşileri – klounlary, dürli görnüşli çykyşlaryň eýeleri bolan maýmynjyklar topary, poni tohumyndan bolan girdeneje at öz çykyşlary bilen sirk janköýerleriniň söýgüsine mynasyp boldular. Ikinji bölümde bolsa, janköýerleriň sabyrsyzlyk bilen garaşan, dünýäniň abraýly sirk festiwaly bolan Monte-Karlo sirk festiwalynyň baş baýragynyň eýesi bolan «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşyna tomaşa etdiler.

Baharyň ilkinji günlerindäki bu ajaýyp sungat sowgady ildeşlerimiziň uzak wagtlap ýadyndan çykmasa gerek. Şöhratly toparyň, sirk sungatynyň dürli görnüşleriniň ussatlarynyň welaýat merkezlerine baryp, halkymyzyň baýramçylyk şatlygyny goşalandyrýandygy üçin ildeşlerimiz Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza çäksiz alkyşlar aýdýarlar.

**Akmuhammet ÇÜRIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Parahatlygyň, dost-doganlygyň baýramy

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Soňra BMG-niň 2010-njy ýylyň 19-njy fewralynda geçirilen 64-nji Baş Maslahatynyň barşynda Nowruzy Halkara baýramy diýip yglan etmek baradaky Rezolýusiýa kabul edildi.

Bu ajaýyp baýram baharda, gije-gündiziň deňleşýän döwri – 21-22-nji martda bellenilýär. Onuň ilkinji gezek haçan baýram edilip başlanandygy hakynda belli bir zady aýtmak kyn. Nowruz hakynda has takyk hem düşnükli maglumatlary Abu Reýhan Birunynyň we Omar Haýýamyň eserlerinden tapmak bolýar. Abu Reýhan Birunynyň Gadymy halklaryň ýadygärlikleri atly eserinde Nowruz baýramy barada «Şol günüň Nowruz diýlip atlandyrylmagyna Jemşidiň tagt başyna geçmegi sebäp boldy. Ol Eýrana Şa bolandan soňra täze baýram döretdi we ony Nowruz now–täze, ruz –gün diýip atlandyrdy» diýlip bellenilýär. Omar Haýýam hem özüniň «Nowruznama» atly eserinde Nowruz baýramynyň döreýşiniň Jemşit Şa bilen baglydygyny nygtap, «Jemşit mundan beýläk şol günüň «Nowruz» diýip atlandyrylmalydygy hakynda Perman berdi we adamlaryň her ýyl şol güni uly baýram hökmünde bellemeklerini, ony täze ýylyň başlanýan güni diýip hasap etmeklerini buýurdy» diýip ýazýar.

Nowruz baýramy asyrlarboýy adamlarda ene topraga söýgini, ahlak we zähmet terbiýesini kämilleşdirip gelipdir. Nowruz baýramynyň toýlanýan gününde öýke-kineliler ýaraşypdyr, ynsanlar biri-biri bilen mähirli hem dostana gatnaşyklary ýola goýmaga ymtylypdyrlar, saçaklar giňden ýazylyp, myhmançylyga barlyp, her ojaga hoş arzuw-dilegler edilipdir. Şunlukda Nowruz baýramy adamlary sahawatly işlere, mähribanlyga imrindirip, olarda hoşniýetliligi, gowy günlere bolan umyt-arzuwlary döredipdir.

Näzik ynsan kalbyna şeýle ýakymly täsir ediji güýji bolan bu baýram halklary dostlaşdyrýar, doganlaşdyrýar, ýüreklere ynam, göwünlere ýylylyk paýlaýar. Şoňa görä-de, eger-de Halkara Nowruz güni dost-doganlygyň baýramy bolsa,



onda ol agzybirligiň, asudalygyň, parahatlygyň hem baýramydyr diýip arkaýyn aýdyp bileris.

Adamzat nesli dünýäniň ähli döwürlerinde hem parahatlygy, erkinligi isläpdir. Rahat hem bagtly durmuşyň şondadygyna düşünipdir. Gahryman Arkadagymyzyň «Şeýle ygtybarly ýaşaýşy döretmegiň hem öz ugruny – ýoluny-ýörelgesini tapmaly, tapanyňdan soň hem ony bozman, dogry alyp gitmegi başarmaly» diýip, örän ýerlikli belleýşi ýaly, islendik başlangyjy hem il bähbidine, adamzat ähmiýetine laýyklykda amala aşyrmak gerek. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň özeninde durýan esasy maksat hem, halkymyzyň asylly hem ynsanperwer häsiýetlerini dabaralandyrmak, dünýäniň ähli halklaryny dost-doganlyga, agzybirlige, päk ýüreklilige çagyrmakdyr. Milli Liderimiziň başlangyjy bilen merjen paýtagtymyz Aşgabat şäherinde Sebit boýunça Öňüni alyş we ylalaşdyryjy merkeziň açylmagy, BMG-niň agza döwletleri tarapyndan hemişelik Bitaraplyk derejämiziň iki ýola ykrar edilmegi, bütin dünýäde biziň hemişelik Bitaraplyk baýramymyz bolan 12-nji dekabryň Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan edilmegi türkmeniň Bitaraplyk taglymatynyň dünýäde barha giň goldawa eýe bolýandygynyň buýsançly subutnamasyna öwrülip, kalplarymyza joşgun berýär.

Bu ýyl biziň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejämize eýe bolanymyza 30 ýyl dolýar. Biz hem bu taryhy sene, şeýle-de taryhymyza şan berjek ýylyň Halkara Nowruz güni bilen ähli halkymyzy, Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy tüýs ýürekden gutlaýarys. Goý, ata Watanymyz Türkmenistanyň beýik başlangyçlary Ýer ýüzüne erkanalygyň, parahatlygyň, asudalygyň şuglasy bolup nur saçsyn!

**Ýazgül AKMÄMMEDOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

## Nowruz geldi ilime

Ýaz paslynyň täsin görnüşleri her bir adamyň ruhuny göterýär. Ýazyň gelmegi bilen ene topraga ýyly girip, tebigat janlanýar. Sähradüzlerimiziň ýaşyl begrese bürenmegi, gülälekdir jümjümeleriň peýda bolmagy, türkmen tebigatynyň joşgunynyň, läle-reýhanlygynyň keşbidir.

Halkymyz ýaşaýyş-durmuşyny hemişe tebigat bilen berk baglanyşdyrypdyr. Ýaz paslynda ýazlaga çykyp, tebigatyň gözelliklerine maýyl bolýan adamyň kalby sähranyň özi dek giňeýär. Ynsan dünýäsini ajaýyp duýgulardan, ýagşy niýetlerden doldurýan bahar paslynyň hoştap howaly günlerinde bellenilýän Nowruz baýramynyň şatlygy ýurdumyzyň bagtyýar raýatlaryny has-da joşdurýar.

Dünýäde parahatçylygyň, ynsanperwerligiň, dostlugyň baýramy hökmünde ykrar edilen Nowruz baýramy gözel Diýarymyzda her ýylda aýratyn şatlyk-şowhun bilen bellenýär. Bu ajaýyp sene diňe bir baharyň gelendigini buşlaýan baýram bolman, eýsem, topragyň janlanýandygyny hem alamatlandyrýar.

2010-njy ýyldan bäri Halkara Nowruz güni hökmünde bellenilýän bu sene adamzadyň iň ähmiýetli we möhüm baýramlarynyň biridir. Nowruzyň däpleri bolsa, dünýä halklaryny parahatçylyga, agzybirlige, abadançylyga, asudalyga çagyrýar we beýik ynamy we söýgini pugtalandyrýar.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, Nowruz baýramy köp asyrlaryň dowamynda dünýäniň köp halklarynyň, şol sanda türkmen halkynyň



kalbynda we hakydasynda müdimi orun alyp, myhmansöýerligiň, hoşniýetli goňşuçylygyň, ynsanperwerligiň hem-de zähmetsöýerligiň belent ýörelgeleriniň dowamatlylygyny özünde jemleýär we bütin dünýäde dostluga hem-de ylalaşyga çagyrýar. Dünýäde parahatçylygyň, ynsanperwerligiň, dostlugyň baýramy hökmünde ykrar edilen Halkara Nowruz güni eziz Diýarymyzda Milli bahar baýramy bilen utgaşykly toýlanyp, toý günleri milli däp-dessurlarymyz, urp-adatlarymyz berjaý edilýär.

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz gününiň ajaýyp däpleri halkymyzyň şöhratly taryhyny, baý edebi mirasyny içgin öwrenmekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatly hazynadyr. Taryhyň dürli döwürlerinde bu baýramyň däpleri halklaryň arasyndaky medeni gatnaşyklaryň berkemegine uly hyzmat edipdir. Dünýäniň çar tarapyna ýol salan Beýik Ýüpek ýolunyň ugry bilen gatnan kerwenler halkymyzyň bu milli baýramy bilen bagly ajaýyp däplerini dünýä ýaýradypdyrlar. Halkara Nowruz güni bilen bagly edebi eserler, halk oýunlary, toý tagamlary hem öz gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Şeýle-de Nowruzyň taryhy köklerini ekerançylygyň irki ojaklary bilen hem baglanyşdyrýarlar. Bu milli baýramyň gadymy däplerini geljek nesiller üçin gorap saklamak mukaddes borjumyzdyr.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda güneşli Watanymyzda Halkara Nowruz gününiň dabaralary Milli bahar baýramynyň toý şüweleňleri bilen utgaşýar. Ulus-ilimiz agzybirlikde we jebislikde ajaýyp senäni uludan toý edýär. Toýlarymyz toýlara ulaşýar.

**Kadyr ATAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Dünýä medeniýetiniň şöhratly mesgeni

Geçmiş taryhymyza, milli mirasymyza sarpa goýýan hem-de ony dünýä ýaýýan hormatly Prezidentimiz halkymyzyň taryhda yz galdyran gerçek ogullarynyň hatyrasyny belentde saklaýar. Şeýle hem watansöýüjiligiň, gahrymançylygyň, hoşniýetliligiň, beýik adamkärçiligiň nusgalyk mekdeplerini döreden, milli ruhy gymmatlyklary nesillere miras goýan, ynsanperwer däp-dessurlary dowam etdiren beýik akyldarlaryň işlerini ylmy taýdan öwrenmekde uly işler alnyp barylýar. Şonuň üçin hem Gahryman Arkadagymyz: «Ynsan ýürekdeşligine, dost-doganlygyna hem-de hoşniýetlilige ýugrulan şeýle ajaýyp däpleriň, watansöýüji, adalatly, sabyr-kanagatly, sahawatly bolmak baradaky müdimi ýörelgeleriň döremeginde Abdylla ibn Mübärek, Abusagyt Abulhaýyr, Nejmeddin Kubra, Mahmyt Zamahşary, Jelaletdin Rumy, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy ýaly meşhur akyldarlarymyzyň hyzmaty uludyr» diýip belleýär.

Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda taryhy-medeni ýadygärlikler toplumlary ýerleşýär. Dehistan, Nusaý, Amul galalarynda, Merw ýadygärlikler toplumynda haýran galarlyk täsinlikleri görmek bolýar. Aýratyn hem Maşat ata, Togalakdepe, Goňurdepe, Gökjükdepe, Mansurdepe, Namazgadepe, Ulugdepe, Altyndepe, Ýylgynlydepe ýaly taryhy-medeni ýadygärliklerde gazuw-agtaryş işleri geçirildi we geçirilýär. Ol ýerlerden tapylan taryhy tapyndylar özüniň gaýtalanmajak gurluşy bilen akylyňy haýran edýär. Mundan başga-da, Yzmykşir, Köneürgenç ýadygärlikler toplumy, Ysmamyt ata, Aksaraýdiň, Seýitjemaleddin metjidi, Sarahs galasy, Soltan Sanjaryň aramgähi ýaly başga-da birnäçe taryhy-medeni binalar Türkmenistanyň taryhy ýadygärliklere juda baý ülkedigini subut edýär. Ýadygärlik binalaryň arhitektura gurluşy we ol ýerlerden tapylan tapyndylar biziň ata-babalarymyzyň juda sowatly, medeniýetli halk bolandygyny subut edýär.




Ýurdumyzda taryhy-medeni ýadygärlikleri öwrenmek, wagyz etmek boýunça halkara ylmy maslahatlar yzygiderli geçirilýär. Bu ylmy duşuşyklar iri halkara guramalar – Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edaralary, ilkinji nobatda bolsa, Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO) bilen netijeli gatnaşyklary işjeň ösdürýän Bitarap Türkmenistanyň halkara abraýynyň has-da artýandygynyň nobatdaky aýdyň güwäsidir. Bu abraýly düzüm bilen hyzmatdaşlyk etmegiň çäklerinde Türkmenistandaky täsin ýadygärlikleriň birnäçesi: gadymy Merw, Köneürgenç, Nusaý galalary ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.

Ýurdumyzyň çäginde saklanyp galan taryhy we medeni ýadygärlikleri asyl durkuna getirmek ýa-da olaryň wirtual görnüşini işläp taýýarlamak babatda, esasan-da, ABŞ-nyň, Ýewropanyň öňdebaryjy alymlarynyň taslamalary, bu ugurdaky tejribeleri, ylmy gazananlary içgin öwrenildi we olardan peýdalanyldy. Şeýle işleri amala aşyrmakda, ýadygärlikleri ozalky keşbinde dikeltmekde arheologlar tarapyndan ýüze çykarylan desganyň birmahalky binýady öwrenilýär.

Mahlasy, ýurdumyzyň çäginde saklanyp galan taryhy-medeni ýadygärlikleri düýpli we hemmetaraplaýyn öwrenmek, olary geljek nesillere abat ýagdaýda ýetirmek babatda giň gerimli işler alnyp barylýar. Türkmen hünärmenleriniň gazanan üstünlikleri, ýeten sepgitleri bilen giň halkara jemgyýetçiligini tanyşdyrmak maksady bilen «Asyrlaryň yzlary» atly halkara ýygyndynyň neşir edilmeginiň hem uly ähmiýete eýedigi aýratyn bellärliklidir. Milli mirasymyzy gorap saklamak, taryhy-medeni ýadygärliklerimizi öwrenmek, olarda rejeleýiş-dikeldiş işlerini geçirmek babatda ähli mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza alkyş aýdýarys.

**Ylham SÜLEÝMANOW,**
*Ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýyş mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy.*


### «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we mähriban halkymyzy Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Öz halkyny ajaýyp durmuşyň gujagyna atarýan **döwlet Baştutanymyz,** Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, halkymyzyň eşretli ertiri üçin tutýan tutumlaryňyzyň hemişe rowaç almagyny arzuw edýäris! Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Milli bahar baýramyny – Halkara Nowruz güni ýene köp ýyllar toýlamak nesip etsin!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**



### AGRI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Zemine ýaşyl ýaşaýşyň hoşboý ysyny saçyp, dünýäniň ýaşlygy, ynsanyň şatlygy Nowruz geldi. Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ata Watanymyz Türkmenistanda erkana ýaşaýan halkymyzyň bagtyýar durmuşy barha ýokarlanýar. Agzybir raýatlarymyz beýik zamananyň ruhy joşguny bilen toýlaryny toýlaýar, baýramlaryny uly dabara besleýär. Biz hem şu baýramçylyk mynasybetli özümiziň iň gowy arzuwlarymyzy Size we agzybir halkymyza ýollaýarys!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**



### nowaeco

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ata-babalarymyzyň Nowruza goýýan belent sarpasynyň nyşany bolan Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni mynasybetli Sizi we ähli türkmenistanlylary mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň bagtyýar halkynyň agzybirligini has-da jebisleşdirmekde, hal-ýagdaýyny gowulandyrmakda alyp barýan tutumly işleriňiziň rowaçlyklara beslenmegini, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**



### «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uly şatlyk-şowhun bilen bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýüregimizden gyzgyn gutlaýarys!

Zähmetkeş halkymyz bu ajaýyp baýramçylygy uly ruhubelentlikde, agzybirlikde baýram edýär, ene topraga tohum sepilip, geljekki hasylyň düýbi tutulýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi ynsan kalplaryny joşduryp, göwünlere ganat baglaýan bu ajaýyp baýram bilen ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

HUAWEI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN
TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI!**

Sizi we ähli türkmen halkyny Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen gutlaýarys! Goý, Türkmenistanda we her birimiziň öýlerimizde toý-baýramlaryň sany köp bolsun! Size berk jan saglyk we uzak ömür arzuw edýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»
kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА
СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ
ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ
ТУРКМЕНИСТАНА!**

Мы поздравляем Вас и весь туркменский народ с весенним праздником – Международным днем Новруз! Пусть во всем Туркменистане и в каждом доме будет больше праздников! Мы желаем Вам долгой жизни и крепкого здоровья!

**С глубоким уважением,**

**Представительство компании
«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»
в Туркменистане.**

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА
СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ
ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

С большим удовольствием поздравляем Вас и в Вашем лице весь народ дружественного Туркменистана с наступлением Международного дня Новруз – дня весеннего равноденствия. Прошу принять мои наилучшие и искренние пожелания по случаю этого древнего праздника.

Новруз с его древней историей, богатым и неповторимым обаянием, а также глубоким философским содержанием ярко выражает общие обычаи, вековые традиции и ценности.

Этот праздник, являющийся ярким выражением безмерной любви к родной природе, служит высокой ценностью, сближающей людей. Древние традиции праздника Новруз, воплощая в себе весеннее настроение и воодушевлённость, оживление природы во всём её многоцветии, отражают почитание многовекового культурного наследия.

Выражаем надежду, что старинные обряды и богатая духовность благословенного Новруза, общечеловеческие ценности и вечные идеи этого праздника Весны, одного из величественных праздников, которые тысячелетиями освещают путь человечеству, и впредь будут продвигать нас по пути возрождения и созидания, мира и спокойствия, взаимного уважения и доверия.

Провозглашение Резолюцией Генеральной Ассамблеи Организации Объединённых Наций 21 марта «Международным днём Новруз», внесение праздника Новруз в Репрезентативный список нематериального культурного наследия человечества ЮНЕСКО приумножают значение древнего праздника на международном уровне. Торжества во славу Новруз сближают народы и страны, отмечающие этот праздник, содействуют продвижению культурно-гуманитарных принципов.

В этот прекрасный праздник весеннего равноденствия желаем Вам крепкого здоровья и огромного счастья, а дружественному народу Туркменистана –мира, процветания и благополучия.

**С глубоким уважением,**

**Ду ЮЙМИН,
Генеральный директор филиала Китайской
Национальной Нефтегазовой Корпорации
«Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

speedcast

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENT!**

Sizi we agzybir türkmen halkyny uly şatlyk-şowhun bilen bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Size berk jan saglygyny, uzak ömür arzuw edýäris!

**Jim FROWNFELTER,
«Speedcast» kompaniýasynyň baş ýerine ýetiriji müdiri.**

**TO THE HONORABLE PRESIDENT OF TURKMENISTAN
SERDAR BERDIMUHAMEDOV
HONORABLE PRESIDENT!**

We congratulate You and whole turkmen nation on spring holiday – International Day of Novruz.

We wish You healthy and long life.

**Jim FROWNFELTER,
CEO «Speedcast».**

IKCO

**IRAN KHODRO
Industrial Group**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENT!**

Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen gutlaýarys. Nowruz tebigatyň gaýtadan janlanmagynyň we täzelenmeginiň buşlukçysy bolmak bilen, parahatçylyksöýüjilik, ynsanperwerlik ýaly umumadamzat gymmatlyklaryny özünde jemleýär. Bu ajaýyp baýram nurana geljegi alamatlandyrýar.

Nowruz mähre we söýgä ýugrulan baýramdyr, parahat we asuda durmuşa çagyryşdyr, biziň ählimiziň özara baglanyşyklydygymyzyň nyşanydyr. Nowruz adamlaryň kalplarynda ýagşy niýetleriň, iň gowy häsiýetleriň döremegine getirýär.

Soňky ýyllarda Eýran Yslam Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary täze derejä çykaryldy. Türkmenistan bilen Eýranyň arasynda dürli ugurlarda özara gatnaşyklar alnyp barylýar. Ikitaraplaýyn söwda dolanyşygyny artdyrmak üçin giň mümkinçilikler bar. Türkmenistan bilen Eýranyň arasynda energetika, ulag, senagat we beýleki ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda giň tagallalar edilýär. Türkmenistan bilen Eýranyň hyzmatdaşlygy ynanyşmak we birek-birege hormat goýmak esasynda ýola goýlan strategik häsiýete eýedir.

Umumy medeniýetimiziň aýrylmaz bölegi bolan baý many-mazmunly dost-doganlyk gatnaşyklarymyzyň has-da pugtalandyryljakdygyna berk ynanýarys.

Bu baýram gününde Türkmenistanyň dostlukly halkyna rowaçlyk we abadançylyk baradaky iň gowy arzuwlarymyzy kabul ediň! Size, Siziň ýakynlaryňyza, şeýle hem Türkmenistanyň ähli halkyna tüýs ýürekden berk jan saglyk, bagtyýarlyk, parahatçylyk arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«EÝRAN KHODRO AŞGABAT KO»
Golçur kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

ÇEPER GURLUŞYK

# «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzda uly dabara bilen giňden bellenilip geçilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni mynasybetli tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ýurdumyzyň mundan beýläk hem bedew bady bilen ösmegini, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mähriban halkymyzyň agzybirlikde, asudalykda, bagtyýarlykda ýaşamagy ugrunda alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriňizde üstünlikleriň ýaran bolmagyny, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, işleriňiziň rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

*Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!*

PETRONAS

## ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENT!

Siziň Alyhezretiňizi we bütin Türkmen halkyny şanly Halkara Nowruz güni mynasybetli tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys. Halkara Nowruz güni halklaryň arasyndaky jebisligiň, tutanýerliligiň we agzybirligiň nyşany bolup durýar. Siziň Alyhezretiňize we ähli türkmen halkyna berk jan saglyk, bagt we durnukly abadançylygy arzuw edýäris.

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**PETRONAS kompaniýasy**

## TO HIS EXCELLENCY, PRESIDENT OF TURKMENISTAN SERDAR BERDIMUHAMEDOV HONORABLE PRESIDENT!

We extend our heartfelt congratulations to Your Excellency and the people of Turkmenistan on the joyous occasion of International Day of Nowruz. Nowruz stands as a symbol of unity, strength, and harmony among nations. We wish Your Excellency, and the people of Turkmenistan continued good health, happiness, and lasting peace.

**With deepest respect,**

**for and behalf of PETRONAS**

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ýurdumyza Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň owadan bahary geldi. Ajaýyp bahar paslynyň gelmegi bilen tebigatyň gözel görki göwünlere egsilmez joşgun, ruhubelentlik paýlaýar. Gülli-gülälekli baharda Türkmenistanda bellenilýän baýramlaryň biri hem Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz günüdir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ynsanperwerligiň, hoşniýetliligiň we döredijiligiň egsilmez güýjüni özünde jemleýän bahar paslynda uly şatlyk-şowhun bilen bellenilýän bu baýram ruhubelentlige beslenýär. Sizi we halkymyzy Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Her günde ýyllara barabar ýol aşýan halkymyz üçin bu baýramyň çuň manysy bar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň bagtyýar halkynyň agzybirligininiň, çekýän halal zähmetiniň hatyrasyna, goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun! Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň bagtyýar halkynyň agzybirligini has-da jebisleşdirmekde, hal-ýagdaýyny gowulandyrmakda alyp barýan tutumly işleriňiziň rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.**
**«MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI**

## «MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Türkmenistanda giňden bellenilýän Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Müňýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýan Halkara Nowruz güni adamzadyň umumy baýlygy, ynsanyýetiň medeni mirasydyr. Gözelligiň hem-de joşgunly durmuşyň bu nurana baýramy biziň döwrümizde ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi we iň uly baýramlaryň biri hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy esasynda halkara baýram hökmünde ykrar edildi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ynsan kalbynyň tämizligini, döredijilik joşgunyny aňladýan Halkara Nowruz gününi bagtyýar we açykgöwünli halkymyz medeniýetiň, däpdessurlaryň, ynsanperwerligiň we ýokary ahlaklylygyň sazlaşygyny özünde jemleýän Milli bahar baýramy hökmünde goňşy we doganlyk halklar bilen bilelikde, dürli näz-nygmatly, bereketli türkmen saçagy, milli oýunlary we aýdym-sazlary bilen dabaraly garşy alýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi tebigatyň täzelenmegini, bagtyýarlygy we abadançylygy alamatlandyrýan Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyza bolsa abadançylyk hem-de bagtyýarlyk arzuw edýäris!

Milli bahar baýramy – Halkara Nowruz güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

MERTLIK RUHY HYUNDAI

**«MERTLIK RUHY» H.J.**
**«HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY**
**RESMI DISTRIBÝUTORY**